enedilim.com

Nurmyrat Saryhanow



# ŞÜKÜR BAGŞY

TÜRKMENISTAN
DÖWLET
NEŞIRÝATY

Aşgabat
1961

NURMYRAT SARYHANOW



# ŞÜKÜR BAGŞY

Powest

Nurmyrat Saryhanow bu onçakly uly bolmadyk powestinde halk üçin uly ähmiýete eýe bolan temany gozgaýar. Awtor bu powestinde halk sungatynyň ekspluatatorlar synpyna hyzmat edýän çüýrük sungatdan has belent derejede durýanlygyny janly obrazlaryň üsti bilen hem ynandyryjy deliller bilen suratlandyryp görkezýär. Bu powestiň ýigrimi ýyl çemesi mundan ozal ýazylanlygyna garaman, şu günki günde ol öz gymmatyny ýitirenok. «Şükür bagşy» powesti türkmen sowet proza eserleriniň arasynda iň şöhrat gazanan eserlerden biridir. Okyjylar ony uly söýgi bilen okaýarlar.


enedilim.com

# I



Ony öz obasyna ýetirmezdiler. Bu gün bir obadan gelse, ertir ikinji bir oba alyp giderdiler. Ony ýalaň «bir günlük» diýip, öz obasynyň adamlaryndan sorap alyp giderdiler. Ýöne welin şol «bir günlük» diýlip alnyp gidilen sazanda gaýdyp bir aýdan-da, iki aýdan-da gelmezdi. Hemişe şeýledi. Ony öz obasyndan bir çykaryp bilseler, onsoň aňsatlar yzyna gaýtarmazdylar. Gezek-gezegine: obadan-oba, öýden-öýe, toýdan-toýa çagyrardylar.

Uzyn, agajetli, garaýagyz, ýaňy otuzdan agan ýaş ýigit sazandanyň bolsa ulumsylygy, jögüligi, näzini artdyrmasy bolmazdy. Şunuň ýaly hem onuň ýadary ýokdy.

Arzylanyp çagyrylan ýere barardy. Onuň baryp düşen öýüniň içi-daşy derrew adamdan dolardy. Ol dutar çalmaga başlardy we öýi dolduryp oturan ýigitlerden, üzügiň etegini serpip, tärimiň başyndan seredýän gelin-gyzlardan tizden joşa gelerdi.

Ol dutary emgenmän, kuwwatly ellerini, uzyn barmaklaryny oýnadyp, şabram çalardy. Köplenç onuň çalýan heňleri gahrymançylyk, edermenlik hakyndady. Ony diňläp oturan ýigitler bolsa özlerini söweşde ýaly duýardy we ýürekleri bilen beter joşardy.

Ol sazandady — diňe saz çalýardy. Sazandalygy bilen bolsa halkyna özüni aldyryp bilipdi. Ýöne welin onuň ady il içinde «Şükür sazanda» diýlip ýöredilmän, «Şükür bagşy» diýlip ýöredilerdi. Munuň özüne ýetesi sebäbi bardy.

Ol özüniň bütin ömründe iki sapar aýdym aýdypdy. Bu bolsa

heniz özüniň ukybyny, hünärini saýlap alyp bilmän ýören mahallarynda bolupdy. Ine, şu iki gezek aýdym aýtmagy bilen onuň ady «Şükür bagşy» bolup, il arasynda ýaýrapdy. Ol at ýöne-de bir ýaýramady, örän ýörgünlilik bilen agyzdan-agza düşüp başlady.

Ol soň aýdym aýtmady, özüniň aýdym aýtmagyny düýbünden goýdy. Aýdym aýtmak oňa çylşyrymsyz, ýönekeý zat ýaly bolup göründi. Onuň bilen gyzyklanmady. Dutar onuň ünsüni özüne çekýärdi. Şonuň bilen gidişýärdi. Dutaryň erkini öz eline aldy, öz ýüregindäki duýgularyny onuň içine sygdyrmagy başardy. Şonuň üçin-de özüniň dili bilen, sesi bilen berjegini dutary arkaly bermäge dyryşdy. Şeýle hem etdi. Hemişe saz çaldy, ýöne welin başgalara öýkünip däl, özünden täze-täze heňler döredip çaldy.

Onuň sazyny halkyň nähili kabul edýänligi hakynda, ine, şuny aýtmak bolar: uzak gyş gijelerin-de tä daň atyp, jahan ýagtylýança ol saz çalardy. Emma ilkagşamdan öýi dolduryp oturan märekeden birjigi hem gozganmazdy we gözleriniň kirpigi kaklyşmazdy, her heňiniň soňundan hemmesi birden:

— Çal bagşy, ölmäsiň, iki elli ýaşa! — diýip aýdardylar. — Elleriňe güller bitsin!

Sazanda şeýle diýilmegi besdi. Şunuň bilen onuň garyp göwni bitýärdi we ruhy göge göterilýärdi. Çünki ol gazana garanjaklap oturan, orta pul düşmese dürli bahanalar tapyp hezil bermeýän, dutarynyň kirşini üzýän bagşylardan däldi. Onuň geregi halkyň özünden hezil tapmagydy. Şunuň üçin garyp-pukaralar-da ony öýlerine hem toýlaryna çagyryp, saz çaldyryp bilýärdiler.

Pully heň buýurmaga gurby ýetmeýän, şunuň üçin bolsa saz çalynýan, aýdym aýdylýan ýere gelip bilmeýän, geläýseler-de gyrak-çetde eginlerini gysyp oturýan garyplar: «Şükür bagşy gelipdir, ol saz çalýar» diýşip eşiden deslerine, edip duran işlerini taşlap, ýerli-ýerden gelerdiler we onuň sazynyň süýji labzyny ünjüsiz, arkaýyn oturyp diňlärdiler.

Sazanda häzir-de obasynda ýokdy. Ol nirede bolsa-da bir ýerde, içi adamdan dolup duran öýde saz çalyp, halka hezil berip oturandyr.

Uzak bir obadan gelip, iki sany atlynyň ony alyp gidenine kän wagt geçipdi. Onuň obadan çykandan soňky geçen günleriň

hasaby ýitmeýärdi. Barmak basyp hasaplap oturan adamlar kändi. Olar: «Bagşymyzy Kelteleriň obasyndan gelen atlylaryň alyp gidenine şu gün iki aý, on bir gün boldy» diýerdiler.

Ine, şu günüň agşamsy sazanda obasyna gaýdyp geldi.

Ol ýyllar Duşagyň şyr-takyr meýdanynda öýleriň hemmesi bir ýerde küren bolup oturýan obasy sazandanyň gözüne örän uzakdan salgym atyp göründi. Onuň öz obalaryny göresi gelipdi. Bu gezek yzyny idäp, obasyndan atly barmadyk bolsa-da, gezege durup, özüni alyp gaýtmadyk bolsalar-da, obadaşlarynyň-da özüni göresi gelýänligini ol bilýärdi. «Bu agşam obanyň uly-kiçi hemmesi biziň öýümize üýşerler».

Ol şeýle pikirlenip, olara tä daň atýança saz çalyp bermäge özüni boýun edip gelýärdi. Hemişe şeýle bolýardy. Ýene-de şeýle bolar diýip, ol öz ýanyndan ynanýardy.

Bagşy oba golaý gelýär. Geldigiçe obasy tukat, öýleriň oturyşy gaharly bolup görünýär. Aýratyn hem obanyň bäri çetinde oturan öz garaja öýleri çytylyp otyr. Oňa girýän-çykýan ýok. Beýleki öýleriň gapysynda ak keçeli atlar arkalangy durýan bolsalar-da, olaryň öýleriniň iň gowy bezegi — atlary hem häzir gapylarynda görünmeýär.

Ol bularyň hemmesini gözünden geçirip geldi-de, agşamyň ümüş-tamyşlygynda öýlerine girdi. Onuň üç ýaşyny dolduryp, ýaňy dördüne giden sary gulpak gyzjagazy bardy. Ol şony görmäge we ony gujagyna götermäge höwes edip gelýärdi...

Gyzy öýde ýok. Ol ejesi bilen goňşy öýlerine çykypdy.

Içerde ýeke ýeňňesi bar. Ol köne dony başyna çümre bürenip, edil doňdurylan ýaly bolup otyr. Ýüwürjisiniň gelenine begenip, onuň ýüzi açylmady, gaýtam gamaşdy. Şol oturyşyna özüne berlen salamy hem almady, hatda bagşynyň ýüzüne hem seretmedi.

«Muňa näme bolduka?» diýip, Şükür oýlanyp, oňa garady.

«Gamly-gussaly, aglap-aglap gabaklary güp ýaly çişip gidipdir. Bu menden hem öýkeli ýaly. Meniň näme etmişim bolsun?» Ol şeýle diýip, ýene-de pikirlendi: «Näme-de bolsa yzymda bir erbetçilik bolandyr».

Onuň bolup oturyşyndan bagşy şuny düşündi we keýpi gaçdy. Onsoň ýeňňesiniň berjek jogabyndap çekinibräk durdy-da, ondan sorady:

— Ýeňňe, näme beýdip otyrsyňyz? Gurgunçylykmy? Berdi obadamy?

Ýeňňesiniň şol bir oturyşy oturyşdy. Ol geplese, ýa-da şu oturyşyndan birazajyk gozgansa aglajakdy. Muňa güman ýok. Aglamaga taýýar bolup otyr. Onuň şunuň üçin dymyp we gozganyp bilmän oturanlygyny bagşy aňlan hem bolsa gerek, soň ony gepletjek we ondan zat eşitjek bolman, egninden dutaryny keýpsizlik bilen aýyrdy-da, duldaky ýabaly agaja tarap ýöneldi...

Şu halatda ýeňňesi hem siltenjiräp turdy we içini hümledip, ýüzüniň ugruna daşaryk çykyp gitdi.

«Bu nä boluş?» diýip, içerde bir özi galan Şükür ýeňňesiniň bolşundan hiç bir zat aňlap bilmän durdy-da, özüne tanyş bolan öý goşlaryna seredişdirdi. Hemme zat öňki-öňküligine dur. Olardan artany-kemäni ýok. Diňe bir hemişe dulda, tärimiň başynda, asylgy duryan gylyjy — agasy Berdiniň egri gylyjyny görmedi. «Gylyç ýok, gapyda at ýok, bularyň eýesi agam Berdi-de ýok. Munuň bir emmasy bardyr. Ýeňňem biderek ýere aglap, gaş-gabaklaryny çişiren däldir». Sazanda şeýle diýip, çuň pikire çümdi.

Ýeňňesi öýüň gapdalyna öwrülen ýerde öňünden Bossan diýen orta ýaşan aýal çykdy. Ol aýal onuň ýeňňesiniň gözünden düwmeläp akýan ýaşy görüp, aýak çekip durdy-da, oňa şeýle göwünlik berdi:

— Dogan, Dursun, sen näme aglap, özüňi horlap ýörsüň? Ol ölmändir-ýitmändir ahyryn. Saglyk bolsa, aman-sag geler. Çykyp gelýän gytmy näme?

— Aý dogan, geljegine gözüm ýetýän bolsa, onda men, heý, aglar ýörermidim? Oňa indi gelmek ýokdur. Men şuny bilýärin — diýip, Şüküriň ýeňňesi ol aýalyň sözüni kesdi. Onuň indi dili açylyp gidipdi. Ýöne bir açylmagam däl, ýaňky bagşynyň ýanynda dymyp oturanlaryny hem artykmajy bilen gepledi. Ol indi başga birine eşitdirmekçi bolup, bir-biriniň yzyndan sugşuryşdyryp, şikaýatly sözleýärdi. — Jan dogan, Bossan, indi oňa

gelmek, gelip maşgalasynyň içinde oturmak ýokdur. Men onuň şeýle boljagyny ozalam bilýärdim. Şonuň üçin-de ozalyndanam aglapdym. Illeriň zyndana düşüp, ýene-de boşap gelýänleriniň dogany, aladasyny edýäni, elini nirä uzatsa ýetýän hossarlary bardyr. Hany onda ol zeýilli hossar? Ol ýerden ýeke çykanyň biridi ahyryn. Onuň aladasyny eder diýjegiň ýeke biri dälmi? Ol onuň aladasyny etmez, iliň içinde saz-söhbet edip ýörse, oňa şol besdir. Oňa doganam şoldur-beýlekem şoldur...

Ýok, beýle däl, Dursun. Sen häzir hiç zady pikir etmän, öz başyňa ýaňraýarsyň. Bagşy hemmesiniň hötdesinden geler. — Bossan şeýle diýip, onuň bagşa dil ýetirmegine garşy çykdy. — Sen kem akyllyk edýärsiň. Ol ýekemidir, onuň hossary ýokmudyr? Ol ýeke däldir, dogany, il-güni bardyr...

— Sen her zat diýseň diý. Ol gelmez... Men...

— Goýup otur, namartaý. Oba baryny berer welin, ony alyp geler.

— Goý diýseňiz, meňki aňsat: goýaryn.

— Goý, goýýan bolsaň! Näme haýry bar, beýdip aglap ýörmegiň?

— Goýdum — diýip, Şüküriň ýeňňesi öýüň gamşyna ýaplanyp, aşak oturdy. Ol aglamjyrap, gözlerinden ýaş dökmegini dowam edýärdi.

Onuň hem öz düşünişi bar ahyryn. Şeýle edip, Şükuri gynandyrmakçymyş we onuň ganyny gyzdyrmakçymyş. Ol ýeňňesiniň iňirdisine çydaman, doganynyň ugruna çykmalymyş.

— Eger Şükür Şükür bolýan bolsa, şonsuz hem gyzar. Onuň at münmeýänligine we alamana gitmeýänligine garamaly däldir. Onuň dutarynda çalýan gahrymançylykly heňleri ýöne ýerden gelip çykýan zat däldir. Oňa diňe bir: «Gaýrat et» diýmek ýeterlik. Onsoň ol öz etjegini özi biler... — Şeýle diýip, Bossan oňa garaçyny bilen käýindi.

Bagşy öýüň dulundaky ýüke ýaplanyp duran ýerinden daşardan gelýän gürrüňiň baryny eşitdi. Ýeňňesiniň maksadyna we başgalaryna bir kemsiz düşündi. «Hä, ol alamana gidip, ýesir düşendir; ýeňňem şunuň üçin tasanýan eken. Meniň bu ikarada näme günäm barka? Ol ýüzüni-gözüni gyşartman, ýöne göni

aýdaýanda bolmaýarmyka?» Ol şeýle diýip, biraz oýlanyp durdy. Häzir onuň ýadyna uzak geçmişler düşdi, özüniň sazanda bolmagyna birden-bir sebäpkär bolan adam — dogany gözleriniň öňüne geldi. Ol doganyny ýatlasa, bir ýany sazdy. Özüniň sazanda bolup ýetişeni üçin, bagşy oňa minnetdardy.

Sazanda dutaryň yşkyna ýaş oglanlygyndan düşüpdi. Öz deň-duş oglanlary çybykdan at edinip oýnasa, ol agaçdan dutar ýasanyp, uzynly güni şony gazap geçirerdi. Ejesiniň ýüpegini azajyk-azajykdan ogurlap, öz ýasan dutaryna kiriş edip gutarardy. Goňşularynyň dutaryny çalyp-çalyp bozardy. Ejesi ony ertir bilen ota ýa-da oduna ibärdi. Ol meýdan-da öz ýasan dutary bilen meşgul bolup, agşamlyk boş diýen ýaly gaýdyp gelerdi. Ol öz öýlerinden dutarly öýlerde kän bolardy. Özi çalman kesesinden seredip otursa-da hezil edýärdi. Oňa bir iş buýurjak bolup ýa-da nahar wagty tapmasalar, iň ilki bilen baryp, obanyň dutarly öýlerini barlap çykardylar. Ol hernä şol ýerlerden tapylardy.

Ejesi: «Sen bihepbe ogul boljak» diýse, kakasy bolsa: «Sen eneň ogly, atdan dutary gowy görýärsiň» diýip, ikisi-iki ýerden oňa käýärdiler.

Oňa diňe bir agasy käýemezdi, gaýtam, ol şol günleriň birinde oňa bir warak — taşlanan dutar satyn alyp berdi.

Bagşy şonda sekiz-dokuz ýaşly oglandy. Ýöne welin agasynyň şol ýagşylygy zehininiň düýbüne siňip, onuň ýadyndan asyl-ha çykmaýardy.

Ene-atasyndan öňe düşüp, özüniň eline iň ilki gezek dutar berip begendiren adam häzir zyndanda otyr. Ony ol ýerden alyp çykmak hakynda bagşy näme pikir edýärkä? Ol sarsman durup, bir zatlar oýlanýar. Agasy şonda at alyp beren bolsa, gylyç alyp beren bolsa, onda onuň häzir nämäni oýlaýanyny takmynan çak ätmek bolardy. Emma agasy oňa dutar alyp berdi ahyryn. Ol dutar bilen meşgul boldy, ony elinden düşürmän, otuz dört ýaşady.

— Bagşy jan, aman-sag geldiňmi? — diýip, öýüň beýle gapdalyndan bir garry aýal aldyrany bar ýaly bolup geldi-de, içerik urup girdi. — Aman-sag gelen ýeriň bolýar. Elhepus, beýle kän eglendiň. Gözümizi ýolda goýduň, nirelerde bolduň? Bagşy jan,

düýn yzyňdan atlam iberipdiler. Sen oňa, belki, duşanam dälsiň, giden — Halykdy. Bagşy jan, obanyň ýigitleri seniň geleriňe garaşyp durandyrlar.

Bu garry gelip, sazandanyň pikirini bozdy. Ol ozalam pikir edip, çözüp bilýän zady ýokdy. Iki gulagy ýeňsesindedi. Onuň aýdyp duran zatlaryna gaharlanjagyny-da, güljegini-de bilmeýärdi.

Garrynyň: «Obanyň ýigitleri seniň geleriňe garaşyp durandyrlar» diýmegi, onuň pikirini özüne çekdi.

Onsoň ol:

— Geldim özün-ä... — diýdi-de, garrynyň çugutdyrylyp oturyşyna seretdi.

— Gelen bolsaň, örän gowy edipsiň, bagşy jan! — diýip, ol garry sözüni dowam etdirdi. — «Är başy gowgaly gerek» diýip, biderek ýere aýdylan däldir. Bu är başynyň gowgany, kyn günleri çekip biljegi üçin aýdylan zatdyr. Agaň ýesir düşenine şu gün sekiz gündür, biz gynanyp otyrys. Gynanmakdan, gyýylmakdan ne peýda? Sen gynanyjy bolmagyn. Oba öz sazandasyny goldajakdyr. Sen indi biliňi pugta guşabergin. Dagyň bolmasyn...

Garry enäniň gürrüňi köpdi. Ol obadan habarlydy. Ýöne welin onuň ähli aýdasy gelýänlerini jemläninde, esasy maksat soňky aýdan üç jümlesindedi. Şony bagşa ilden öňürti aýtjak bolup, ol şu günki gün bilen düýnki güni ýola seredip geçiripdi. Dogry. «Oba sazandasyny goldajakdyr» diýip, ol aýtdy. Aýdan dessine hem bagşydan mert jogap aldy.

— Bil pugta guşalgydyr, dutar hem örän guratdyr, Kümüş eje — diýdi.

Sazanda pikirlenipdi, oýlanypdy. Onuň ýüzünden eýýäm belli bir karara gelenligi we aýdyň bir maksat tutanlygy görnüp başlady. Ýüzi ýagtylandy, gözleri ýiteldi, aşak düşen eginleri galdy. Ýeňillik bilen baryp, dutaryny ýap-ýaňy keýpsizlik bilen asyp goýan ýerinden aldy. Onsoň öýüň ortasynda, keçäniň üstünde aýbogdaşyny gurup oturagada:

— Kümüş eje, hany, ornaşykly otur. Men size saz çalyp berjek — diýip, dutarynyň gapagyna gahar-gazap bilen kakyp başlady.

— Hany oturyň!

Munuň indi tä daň atýança gitdigidir…

# II

Ozallar beýle bolmaýardy. Sazanda saz çalsa, obanyň uly-kiçi hemmesi gelerdi. Hasam beter ara şeýle uzak wagt düşenden soň, häzir bolsa... Bu agşam näme? Bu agşam şeýle bolmady. Bagşy başyny galdyrman, oturyp saz çalýar. Onda-da ozalky çalyşlarynyň çaky dagy-da däl. Emma gelenleriň atlaryny sanap çykaýmaly. Näme üçinkä? Ýa bu agşam bagşy «derletme» sazyny çalýarmyka? Şeýledir öýdýärlermikä? Gelenleriň azlygy şunuň üçinmikä? Gelmedikler gelmeýşi ýaly galybersinler. Gelenler kimler onda? Olar näme üçin gelipdirler? Hemişekisi ýaly dutar diňlemek üçinmi, ýa gynanyşmak üçinmi ýa-da bagşylarynyň ýüregini köşeşdirmek üçinmi?..

Olar öz eden işlerine ökünýän, şowuna düşmedik zada gynanýan adamlar däl. Obanyň «men» diýen garrylary we ýigitleri. Az diýer ýaly şeýle bir azam däl. Gelip-gelip, bagşylaryň garaja öýlerini doldurdylar. Olaryň içinde birlän-ikilän myhman ýigitlerem bar. Olar hem bagşynyň sazyny ozallar köp-köp eşidip oturanlar...

«Derletmeden» gorkman gelenler özleriniň sazyny we sazandasyny söýýärdiler. Bu ýönekeý kölege söýgüsi bolman, hakyky söýgüdi. Olar özleriniň şu söýgülerini ýene-de bir gezek görkezmäge gelipdirler. Olar ýöne diňlemäge geldilermikä ýa-da jübülerini puldan dolduryp geldilermikä? Iki-ýeke jübüsini puldan dolduryp gelenler hem bolaýmagy mümkindi. (Bu azajyk sanyň içine myhman ýigitler düýpden girmeýärdi). Emma welin köpüsi beýle niýet bilen gelmändi. Dogry, olar boşam gelmändiler. Maslahatly gelipdiler. «Biz sazymyzy hem sazandamyzy nähili söýýänligimizi uly ile görkezeris» diýip, öten agşam bagşylarynyň agasyny hanyň zyndanyndan alyp çykmagyň maslahatyny edipdiler. (Myhman ýigitlerem bu maslahatyň içinde bardy).


enedilim.com

Olar şonda eden maslahatlaryny bagşa habar bermäge gelipdiler. Biziň etjegimiz bilen bagşy razylaşarmy, razylaşmazmy, buhakda olaryň arasynda gürrüň hem bolmandy. Belki, özleriniňkini dogry diýip bilýändirler we bagşy şundan boýun gaçyrmaz diýip pugta ynanýandyrlar.

Sazanda saz çalýar.

Ine, olar gelýärdiler we gelişlerine-de oturýardylar. Bagşylaryna aýtjaklaryny bolsa dilleriniň ujunda saklap çeýneýärler.

Sazanda saz çalýar. Başyny galdyrman çalýar. Dutaryň gapagyna zarp bilen urup, gahrymançylykly heňler çalýar. Şeýle edip bolsa, ol öz maslahatlaryny aýtmaga gelenleri uzak gije garaşdyryp oturtdy.

Bagşy özüniň gyzyp barşyna ýüregine we dutaryna sygdyryp bilmedik ýaly, şeýle bir bendi gaty ses bilen aýdyp goýberdi:

Baba Gambar, bergen sazyň
Asly munuň agaçdandyr.
Agaç diýsem, ýaman görmäň,
Hemme güller agaçdandyr.

Ah, hemme güller, hemme güller,
Agaçdandyr, agaçdandyr!..

Mundan soň beýleki içini gysdyryp oturanlar-da saklanyp bilmediler. Olar:

— Dur, bagşy, dur! Biziň hem saňa aýtjak bolup gelen bir zadymyz bar. Şoňa bir gezek ber, bagşy — diýip, ondan soradylar.

Bagşy durdy we gapdalynda ýatan gara telpeginiň içinden ullakan gyzyl ýaglygy çykardy-da, onuň bilen ýüzüniň derini syrdy.

— Bolýa, men boldum, indi gezek siziňki. Aýdyp oturyň.

Ol şeýle diýip, ýigitleriň ýüzüne gülüp bakdy. Häzir onuň şähdi açykdy. Şu şähdaçyklygyndan bolsa ýeňňesiniň we ýene biriniň gyjalaty aşagynda galmajagyna özüne ynamy barlygy görünýärdi. Ol şu şatlygy bilen söweş heňlerini çalypdy we ýigitleriň ýüregini öňküden-de beter joşdurypdy.

— Biziň bir senimiz bar! — Olaryň hemmesi biragyzdan şeýle diýdiler. — Şunuň üçin biz seni gynandyryp asyl-ha bilmeris. Biz söweşe çykjak!..

— Duruň — diýip, obanyň ýigitlerine serdarlyk edýän, çep eliniň barmaklaryny gylyç alyp giden, şonuň üçin-de «Çolak Batyr» at galan Batyr ýerli-ýerden söze başlanlary saklady-da, bir özi olaryň hemmesiniň tarapyndan sözledi.

— Bagşymyz, biziň ozaldan edip goýan bir maslahatymyz bar. Saňa aýdyljak bolunýan şol maslahaty, biziň başymyz sag bolsa, hökman ýerine ýetireris. Seniň agaň hanyň zyndanynda oturmajagy — bu özüňe hem mälimdir. «Dogry gerek?» diýip, ol sözüňi oturanlaryň hemmesine tassyklatdy. Şoňa görä biz şeýle karara geldik: göni hanyň zyndanyna çozmaly. Ondan bolsa seniň agaňy haku-nähak alyp çykmaly. At-ýaragdan seniň hem şaýyňy tutjak. Neneň gördüň? Etmelisi şu.

Batyr bagşynyň ýüzüne seredip durdy. Bu aýdylanlar bagşynyň garaşmadyk zady däldi. Şunuň üçin ol geňirgenmän, ýöne ýylgyryp diňledi.

— Batyr, maslahatda bolan ikinji gürrüňi hem aýtsana! — diýip, duldaky bugdaýly çuwala ýaplanyp oturan ak sakgal Meret ileri omzady.

Onuň aýtdyrjak bolýan zady Batyryň ýadynda hem bardy. Ýöne welin ol ony aýtjak däldi. Oňa ozalam garşy çykypdy, häzir hem şol garşylygy. Şonuň üçinem onuň ýene-de orta atyljak bolmagyna gahary hem geldi. Onsoň ol ýüzüni çytyp:

— Meret aga, başga aýdyp durasy zat ýok! — diýdi.

Ol diýeni edilmedik garry ynjalyp bilmedi. Olam bu ýere ýöne saz diňlemäge, tomaşa etmäge gelmändi ahyry! Onuň hem bagşylaryna aýdasy gelýän zady bar. Şomy nähili görülse-de aýtjak. Ol:

— Batyryň aýdany bilen razylaşmasaň, bagşy jan, onda… — diýdi.

Onuň sözüni orta bilinden kesdiler.

— «Onda»-«onda» galsyn, haw!..

— Her zat-da bolsa, men aýtjagymy aýdyp galaýyn — diýip, ol garry sözüni dowam etdirdi.

— Bagşy, onda ýene-de bir maslahat: eger sen razy bolsaň, biz seniň agaňy pul döküp almaga-da bar. Seniň üçin öz barymyzy orta atýarys.

Onuň özi ýaly garry, at münüp alamana gitmekden galan, indi gylyjyny oglunyň biline dakan, küşt oýnamakdan, başga işi-pişesi bolmadyk Artyk onuň agzyna ýapyşdy-da:

— Goý-laýt senem, Meret, namartaý! Ýüz kerem bolmaýar diýlip, geçilen bir zady ýene-de getirip orta atýarsyň! Sen bizi «Bagşylarynyň ýaga düşen agasyny obasy satyn alypdyr» diýen ýaramaz ada goýasyň gelýärmi näme? Esenpolat dagynyň öz dostlaryny zyndandan alyp çykyşlary ýaly, bizem bagşymyzyň doganyny şeýle alyp çykarys. Zat berip almak, ol her kişiň elinden hem geler. Ýigitler, maslahat birdir, şol birligine hem bolmalydyr. Dagysy bolmaz! — diýdi.

Ol garryny beýlekiler-de ýazgardylar.

— Zatly bolýan bolsaň, onda ýigitler bagşynyň agasyny alyp gerler welin, sen orta çykda baýrak beräý. Ýöne welin şonýança maslahatyňy öz ýanyňda saklap dur...

Olaryň arasyna myhman ýigitlerden biri düşdi.

— Hany, bagşy näme aýdýar, şony eşideli-le? — diýdi.

Bagşy ýylgyrýardy. Onuň ýylgyrmagyndan näme-de bolsa bir zat aňşyryljak bolunýardy. Şoňa görä adamlaryň başynda şeýle sowal emele geldi: «Bagşy şu diýlenleriň haýsy birini kabul ederkä? Kim bilýär, belki, ol üçünji bir teklibi orta atsa-da atar! Üçünji näm bolarka?.. Bagşy häzirlikçe dutary taşlar!..

Myhman ýigidiň hemme oturanlar tarapyndan beren soragyna bagşy şeýle jogap berdi.

— Men näme diýeýin, ýöne sizden eden tamam çykdy. Sizden göwnüm bitdi. Meni sylaýarsyňyz, sag boluň!

— Bagşy, aýdylanlaryň haýsy birini makul görýärsiň? Hany, şonsuny aýtsana — diýip, garaňky duldan bir sorag orta oklandy.

— Bagşy, seniň razylygyň: ikiden birini aýt — şeýle diýip, ol soragyň yzyna ýene bir sorag sugşuryldy.

— Birini kabul edip, birini kabul etmez ýaly, bu ýerde gürrüň iki däl. — Batyr ol soraglaryň ikisine-de özi şeýle jogap gaýtaryp, bagşa ýüzlendi: — Bagşy, sen entek dutary taşla. Näme et


enedilim.com

diýsene, biliňe gylyç dakyn, onsoňam ata münde, meniň yzyma düş! Seniň häzirki etmeli işiň şu!

— Dogry, gaty dogry — diýşip, oturanlaryň köpüsi Batyryň aýdanyny makulladylar.

Şükür heniz-de ýylgyryp otyr. Ol bu meselä nähili bolsa-da, olardan üstün garaýan ýaly. Hiç bir gyssag-gynag görmeýär. Ol indi Batyra jogap bermeli boldy. «Sag boluň» diýmegi hiç kimi kanagatlandyrmaýardy ahyryn.

— Munuň başga bir täri tapylmazmy, hökman bir gylyç dakynmalymy, ýa ata münmelimi ýa-da obanyň baryny syryp-süpürip hana bermelimi? Geliň, oýlanyp göreliň, heý, bir amatlyrak tarapy tapylmazmy? Başarana ýol köpdür, Batyr — diýdi-de, Şükür Batyryň ýüzüne seretdi.

— Onuň başga täri bolmaz — diýip, Batyr murtuny towlady. Ol ýene-de bir zat diýmekçidi, onýança onuň ýanynda dyz degşirip oturan ýigit:

— Başga tär gözläberseň, onda başa baran iş bolmaz. Biz owalyndan oýlanar ýalysyny oýlandyk — diýdi.

Çolak Batyryň ol ýigide göwni ýetdi. Onsoň başga hiç zat aýtmady-da, ýöne ýaňkysy ýaly:

— Onuň başga täri bolmaz — diýip goýdy. Sazanda Batyryň gözleriniň içine seretdi we:

— Öz deň-duş ýigitlerim ellerine gylyç alanynda, men elime dutar aldym. Olar at münüp, dumly-duşa çapanlarynda, men halypalarymyň yzyna düşüp, ilat arasynda saz çaldym. Özümiň barymy şu ugurda goýdum. Garadäli Gökleňiň «patasyny» aldym. Şu dogrumy? — diýdi.

Batyr:

— Dogry, dogry, men bilýärin, hemmesini bilýärin. Ýöne welin... — diýip, sözüni kesdi.

— Onda bolsa, aýdyň, men şu dutara at hem ýaragyň bitirjek işini bitirdip bilerinmi ýa-da ýok?

Batyr onuň bu soragyna düşünmedik ýaly kürtdürip durdy.

Şoňa görä beýleki oturanlar Batyryň ýerine sazanda jogap berdiler.

— Bitirip bilersiň, ýöne welin ýeri gelende. Bagşynyň soragynyň aşagynda nähili meseläň ýatandygyna olar hem düşünmeýärdiler.

Ugrundan turulmandan soň, Batyr murtuny eli bilen ýetişdiginden towlaýardy. Ol şeýle edip, biraz oturanyndan soň:

— Bagşy, häzir iş başga. Etmeli işimizi edenimizden soň, dutar hakynda arkaýyn oturyp gepleşeli. Dogry, sen dutara atyň-ýaragyň bitirjek işinden artygrak iş hem bitirdap bilersiň. Häzir welin... Ol entek beýlede dursun.

— Men häzirkisini aýdýaryn. Hut şu işde.

— Bu iş bilen dutaryň nä dahyly bar? — Batyryň ýüzi çytylyp gitdi. — Bolşuňa düýbünden düşünmeýärin, bagşy.

Bagşy hem gyzdy.

— Onda siz meni öz ugruma goýberip görüň. Men şu «warak» dutar bilen agamy şol ýerden çykarmaga synanaýyn. Eger başaryp bilmesem, onda siziň diýeniňiz bolsun.

— Bu işde sen dutaryň bilen näme edip bilersiň? Bu akyla sygmaýar, bagşy. Dutar diňe bir kölege şaýydyr. Bagşy, munyň bolmady. Hany, sen näme diýesiň gelýän bolsa açygrak etde aýt. Seniň öz başyňa bir zat çykarasyň-a gelýär. Näme-de bolsa, hany, aýt. Biz eşidip oturaly... — diýip, oturanlar birden sorady.

Şükür öz pikirine garşy çykyljagyny, belli beter-de çolak Batyryň garşy çykjagyny ozalam bilýärdi. Emma welin ol öz diýeniniň üstünde durjakdy.

— Men munuň bilen köp zatlar edip bilerin. — Sazanda dutaryny ýokaryk galdyrdy. — Ýöne siz närazyçylyk görkezmäň, men bir synanaýyn!..

— Meselem?

— Meselem, şu onuň... — diýip, ol özüniň ýüregine düwen hyýalyny aýtmaga oturdy. — Men mundan bir özüm dutar bilen gidip, göni hanyň ýanyna barjak.

— Onsoň? — diýdiler.

— Onsoň agam üçin hana iki sany heň çalyp beräýjek...

Onuň beýle diýmegi aryň öýjügini gorjalan ýaly boldy. Oňa garşy çykmadyk biri-de bolmady. Her haýsy bir zat diýdi. Galmagaldan ýaňa garaja öýüň içinde üýn alşar ýaly bolmady. Galmagal

biraz ýuwaşandan soň, olaryň näme diýýändikleri düşünilip başlady.

— Nirä diýdiň? Hanyň ýanyna?..

— Hana ýaranjaňlygamy? Onuň öňünde boýun burmagamy?

— Han biziň sazymyzy eşidip hezil etmez!..

— Biz ondan adamymyzy onsuz hem alyp bileris!..

— Şol hanmy seniň sazyňa baha berjek?

— Han yzyňa it salyp kowar, nökerleri aşagyňa telpek oklar, bu bolsa uly ile ýeter... Biz oňa öz sazymyzy masgaraladyp bilmeris!

Başgalary saklap, ýene-de çolak Batyryň bir özi gepledi:

— Bagşy, şu aýdyp oturanlaryň seniň çynyňmy ýa-da oýun edip otyrmyň? Sen toýa gitjek ýaly-la. Ol ýere bu dutar bilen asyl barmak bolmaz. Bu hyýalyňdan el göter. Şunuň üçin-de maslahatda näme edilen bolsa, şonuň bilen bol!..

— Bagşynyň aýdanynyň-da jany bar, haw, adam-lar! — diýip, Artyk Şükür sazanda ýüzlendi. — Başyňa döneýin, jan bagşy, aý, inim Şükür, sen dogry aýdýarsyň. Seniň iki heňiňe dünýäniň ýüzüni bermek bolar. Muňa söz ýokdur. Ýöne welin muny biz bilýäris, diňe bir biz bilýändiris. Sen indi aýt: Han diýeniň, ol kim? Onuň içi bizden tarap tütäp duran dälmidir? Heý-de gurt ýaly ýigitlerden eline düşse, ony iki sany heňe berip goýberer diýip bilýäňmi? Beýle bir zadyň hem görlüp ýa-da eşidilen ýeri barmy? Onda-da handan? How, adamlar, maslahat ozalkylygyna galýar. Ony mundan artyk degşirip oturmak bolmaz. Ýigitler, ertirden aňryk şaýyňyzy tutmak bilen bolarsyňyz.

Ýigitleriň hemmesi birden: — Biziň şaýymyz tutulgydyr — diýdiler. Onda bagşy:

— Hany, meniň näme etmekçidigimi ýagşy eşitseňiz-le — diýip, sözüni hälki galdyrylan ýerinden alyp başlady.

— Men göni hanyň öz ýanyna barmakçy. Emma hanyň alnynda çöke düşjek däl. Baş egip, boýun boljak däl. Näme üçin baş egip barmalymyşym? Ýüzümi ýokary tutup bararyn. Siz arkamda duran wagtyňyzda, men adam öňünde baş egerinmi? Bararyn-da iň ilki bilen siziň şu maslahatyňyzy, şu bolup oturyşygyňyzy bolşy-bolşy ýaly edip oňa aýdaryn. «Seniň üstüňe obamyň ýigitleri

bilen atly-ýaragly hem gelip bilýärdim, horjuny puldan dolduryp, düýäni halydan ýükläp hem gelip bilýärdim» diýerin. «Emma şeýle gelmekligi maslahat bilmedim, şunuň üçin-de, ine, şeýle geldim» diýerin-de, oňa dutarymy görkezerin.

— Ba-a.

— Boljak da, han eşidip oturaýsa.

— Onsoň?

— Onsoň, onuň içini köwmäge başlaryn. Biziň hemme zatdan iň gowy görýän zadymyz saz diýerin.

«Şu ýalanmy?» diýip, sazanda göni Batyryň ýüzüne seretdi. «Dogry» diýip, oturanlaryň hemmesi tassykladylar-da: «Heý saz-söhbete ýetesi zat barmy?» diýdiler.

— Sazy siziň hem söýýänligiňizi hem özüňiziň ýörite bagşy saklaýanlygyňyzy eşidýäris — diýerin. Şonuň üçin siziň ýanyňyza saz bilen gelmegi maslahat bildik diýerin. Şu biziň iň uly hormatymyz diýerin. Şeýle abaý-syýasat bilen onuň daşyna duzak ederin. Ol maňa saz çaldyrsa, dilimi gepletse bolýar... Ine, meniň etjegim, nähili görýärsiňiz?

Dym-dyrslyk boldy.

Bu gezek onuň sözlemegine päsgel beren, gapdalyndan çykan bolmady. Belki, razylaşandyrlar. Dymmak — razylygyň alamaty. «Ony nähili görýärsiňiz?» diýenine biri hem jogap bermekçi bolmady. Artyk sakgalynyň ujuny sypalap, ýokarsyna tüýnügiň çagarygyna seretdi. Onuň gözleri üzügiň ýyrtyklaryndan özlerine garap duran güýz gijesiniň ýaldyraşýan ýyldyzlaryny gördi. Çolak Batyr ortada aýlanýan düýe çally okarany boşatdy-da, murtuny sypalaşdyryp, uludan demini aldy. Şu ikisine seredilýärdi. «Näme jogap bererkäler?» diýýärdiler. Olar ýüzlerini aşak salyp, märekäni özlerine ep-esli salym garaşdyrdylar. Ahyry bolmanyndan soň, ýene-de şol Batyryň ýanynda oturan we onuň öňüne düşüp, batyrlyk satýan ýigit bu dymşyp oturmaklygy bozdy:

— Hanyň ýanyna şeýle barsaň, ol iň ilki bilen eliňden dutaryňy alar-da, ony iki epläp döwer, onsoň özüňi hem agaňyň ýanynda oturdar.

Munuň diýenine goşulan bolmady. Ýene-de ýaňky dymşyp oturmaklyk dowam etdi.

Bagşy hem sözlemedi. Garaňky dulda sakgaly kätebir agaryp görünýän ýaşuly bardy. Ol kän geplemeýärdi. Emma welin, göwnüne ýakmadyk zat bolsa, ol hakda iki agyz aýdyp, ýene-de edil ýok ýaly bolup oturýardy. Oňa Oraz aga diýerdiler. Onuň sakgaly ýene-de agaryp göründi, ol ýanynda oturan ýigitleriň egninden ýapyşyp, ileri süýşdi-de şeýle diýdi.

— Adamlar, «Hile hem bir batyrlykdyr ýerinde» diýip, weli Magtymgulynyň bir aýdany bardyr. Keýmir hem özüniň gaýduwsyz batyrlygynyň daşyndan abaý-syýasat bilen-de birnäçe işleri bitirip gelipdir. Seredip otursak, bagşynyň aýdanlary ýaňky aýdanlaryma dogry gelýär. Biziň bagşa düşünmegimiz gerek. Biz diňe bir ýigitlere, at-ýaraga daýanyp, bir ýerini depip hem durmaly däldiris. Bu harapçylyga tarap ýöremekdir. Asla batyrlyk hil-hil bolýandyr. Heý, Görogly ýaly batyr bolarmy? Ol hem: «Gaçyşym bar, kowşuma bermenem» diýip aýdypdyr ahyry. Eger peýdaly bolsa, barymyzdan peýdalanybermegimiz gerekdir. Goý, bagşy barsyn-da: «Üstüňe çozup hem agamy alyp gidip bilýärdim, ýöne, bagşy bolanym üçin, bir-iki sany heň edip bereýin diýip, sazymy aldym-da gaýdyberdim» diýip aýtsyn. Han diýmek bilen, oňa hem jan gerekdir. Onuň hem at toýnagynyň aşagyndan çykýan tozanyň astynda galasy gelip duran däldir. Goý, bagşynyň aýdanyna gulak asman görsün, ony masgaralap görsün, onuň elini-aýagyny gandallap görsün. Geliň, bir synanyp göreliň. Eger bagşa başartmaz ýaly bolsa, biz onsoňam bar...

— «Mollasy köp bolsa, toklusy harama çykar». Biziň geňeşimiziň soňy şoňa bardy. Maslahatdar köp boldy. Aý, bolmady-a, biz şeýle etmekçi diýip, bu hakda Esenpolat daga-da habar edişdirdig-ä. Aý, bolýar-da — diýip, Artyk ýüzüni aşak saldy-da, aýaklarynyň burnuna seretdi.

Çolak Batyryň öňüne düşüp oturan ýigit Artygyň yzy bilen:

— Mundan abaýam bolmaz, syýasatam. Asyl şu diýlip oturylanlar bolmaýar — diýip, pugtalap aýtdy-da, bir dyzynyň üstüne galdy.

— Boldyryn, gatam boldyryn. Näme bolupdyr bolman? — Sazanda gapdalynda goýan dutaryny gaýtadan eline aldy. — Men boldyryn. Bolmasa hem synanyb-a galaryn. Onda-da hut ertiriň

özünde, diňe bir özüm...

Çolak Batyr bilen Artyk başlyklaýyn, bagşynyň we beýlekileriň diýen-aýdanlaryna garşy çykýanlar köpçülikdi. Olaryň özleri gidesi we sazlarynyň ady bilen ýöriş guraslary gelýärdi. Şeýle edip bolsa öz sazlaryny nähili gowy görýändiklerini uly ile görkezesleri gelýärdi. Şuňa bagşy hem razy bolar diýip ynanýardylar. Olaryň tamasy çykmady. Şoňa görä keýpleri gaçdy, sazandalaryndan göwünleri galdy.

Indi sözläre söz galmady. Bagşyny ýolundan alyp galyp boljak däl. Şoňa hemmesiniň gözi ýetdi. «Diňe bir sazandany pata berip ugratmak gerek».

Ana, Batyr ýüzüni aşak salyp turdy. Onuň yzy bilen beýlekiler-de turdular.

Batyr gapydan çykjak bolup duran ýerde:

— Gezek ahyrym bize geler. Bagşy, sen bir ýalňyşlyk edýärsiň. Parhy ýok. Bir synan, eger eýgerder ýaly bolmasa, onda biz soňundan hem bar — diýdi.

Sazandanyň tarapdarlary hem ýerlerinden turdular, olar bolsa:

— Bagşy, mertlik we tutanýerlilik bilen! Ýaman at galmasyn — diýdiler.

Şüküriň öz pikirinden gaýduwy ýokdy. Onuň başynda bu pikir gyjalatdan dogmandy. Hanyň özüni nähili garşylajagyny bilmezliginden hem, özüniň bir baryp sorajagyna düşünmezliginden hem däldi. Ol hemmesine düşünýärdi. Özüni we öz sazlaryny, eger han masgaralaýyn diýse, onuň masgaralap biljegine hem düşünýärdi. Öz obasynyň ýigitleriniň batyrlygyna we olaryň doganyny alyp gelip biljeklerine hem gözi aňry ýany bilen ýetýärdi.

Bulara garaman, ol dutary bilen gitmekçi we agasyny şu dutary bilen hanyň zulumyndan gutarmakçydy. Özüniň eline iň birinji gezek dutar beren adamy dutary bilen azat edip bilmese, onda onuň ýüregi jaý boljak däldi. Bu pikir onuň başyndan, ine, şuňdan dogupdy. Hut şunuň üçin-de ol oba adamlarynyň maslahatyny kabul etmän, öz pikiriniň üstünde pugta durýardy.

Sazanda hem ýerinden turdy we eline dutaryny alyp:

— Men agamy şu dutarym bilen alyp gelip bilmesem, onda onuň inisi bolup bilmedigim — diýdi.

Onsoň ol öýlerine gelenleriň hemmesinden öz göwnüniň hoş bolanlygyny bildirip, olary güler ýüz bilen ugratdy.

# III

— Ýola ho-o-ol aýyrtdan düşersiň. Ol ýol ýüz kerem aýlanyp, ýüz kerem dolanyp, şol başy agaryp görünýän garly dagyň içini söker-de gider... Şony algyn-da gitgin oturgyn. Barýarkaň jülge giňelip başlar, onsoň öňüňden obaçylyk çykar. Ana, şondan aňryk han galasy on çakyrymlyk ýokdur...

«Barjak ýerim han ýanydyr» diýip, bagşy bezenjek-beslenjek bolmady. Ozal näme geýýän bolsa, ýene-de şony geýdi, egninden dutaryny asdy we söweşe gitmekden galan garry ata atlandy. Onsoň onuň başyny ilerligine tarap sowup, duran ýerinden şeýle takmynan salgy aldy-da ugrady.

Ol gidip barýar. Ýola belet garry at guýrugyny şuwwuldadyp, göni şol aýyrda tutdurdy.

Bu nähili ýüreklilik! Bu nähili mertlik! Setan-da-seýranda bir gidilýän, onda-da şeýle gidilmän, ýaraglar ýüklenip, ýigrimi-otuz atly bolnup gidilýän ýer bilen gidip barýar. Onuň gidip barýan ýerinden han atlylary üstüne dökülip, oduna, suwa ýeke çykanlaryňy alyp gidip durýan ýeri bolsa-da, ýekeje özi hiç zatdan heder etmän gidip barýar. Onun, ýaragy — dutary. Şu dutaryna arkalanyp, öräň arkaýyn gidip barýar.

Obanyň uly-kiçi hemmesi (Diňe bir çolak Batyrdan, Artykdan, ýene-de bir ýigitden özgeleri diýmek bolar. Olar öz diýenleri edilmäninden soň, gün daşaryk-da çykman, uludan dem alyp, bagşylaryndan gaharly ýatyrdylar) sazandalaryny ugradyp, onuň yzyndan seredişýärler. Ol gidip barýar.

Oňa seredip duranlaryň arasyndan biri: «Näderkä? » diýip, hemmede bolan soragy orta atdy. Beýlekiler oňa on ýerden on dürli jogap berdiler: «Nätjegini obanyň ýigitleri bilen giden bolsa aýdardyk». «Näme eder öýdýärsiň? Şu gidişi bilen hiç bir zat etmez, bararda agasynyň ýanynda oturar». «Näme etse-de, özi

sag-aman gelse bolýar». «Onuň nätjegi şol: özüniň şu gidişi bilen biziň sazymyza ar-namys getirer». «Soňuna seredeliň, gitsin, her zat-da bol-sa, onuň bu gidişinden, belki, at galar». «Belki, ol biziň sazymyza şöhrat getirer...»

Onuň yzyndan seredip durup şeýle diýýärdiler.

Ol gidip barýar.

Bu edilýän çenleriň haýsy biri dogry bolup çykarka? Muny häzirden aýtmak bolmaýardy. Haýsy-da bolsa bolup biler. Emma ony ugradanlaryň köpüsi onuň bu gidip barşyna umytsyzlyk bilen garaýardylar. Olar sazandalaryny beýle ugratmakçy däldiler ahyry.

Ol gidip barýar.

Sazanda oňa seredýär. Täze dogan günüň şöhlesi üstüne düşüp duran daglara seredýär, dagyň içini söküp gitmeli. Dag ony aty-zady bile öz demine çekip barýan ýaly.

Ol yzyna garaman, ýüzüniň ugruna gidip barýar. Emma özüni ugradan adamlaryň heniz dargamandyklaryny, olaryň yzyndan seredýändiklerini we özüniň şu gidip barşyny degşirýändiklerini bilýärdi. Ýöne welin onuň şeýle gitmegine bolan närazyçylyklar, umytsyzlanmaklar ony ýolundan saklap bilmeýärdi.

Ol gidip barýar.

Uzaga gitdi. Dagyň düýbüne baryp ýetdi. Garasy nokat ýalyjak bolup, şol aýyrda gireninden soň gözden ýitdi. Oba adamlary şoňa çenli garap durdular. Ony gözleri bilen ugratdylar.

Aňry gitdigiçe sazandanyň pikiri artýardy, öten agşamky öýlerinde bolan gep-gürrüňleriň hemmesi biri-biriniň yzyndan onuň ýadyna düşýärdi. Ol özüniň pikiri bilen dagyň içine eýýäm girip gidenini we gara dagyň öz daş-töweregini gabap alanlygyny soň bilip galdy.

Dag! Dag! Nirä seretse dag!

Üstünden ençeme asyrlary, ençeme döwürleri geçiren, ençeme galyň garlary eriden, emma garramaýan, hemişe bir görnüşini saklap durýan, dünýäniň görki, ýeriň örki, gögüň diregi — dag onuň töwerek daşyny guşap dur.

Dag! Dag! Nirä seretse dag!


enedilim.com

Dagyň içki syry bilen onuň tanyşlygy ýok. Şonuň eteginde önüp-ösen bolsa-da, ol hakynda mergenlerden, batyrlardan kän-kän rowaýatlar eşiden bolsa-da, özi hem şu gara daglara garap we şondan ylham alyp, birnäçe heňler düzen bolsa-da, heniz onuň üstüne çykyp görmändi, häzirkisi ýaly, oňa şeýle ýakyndan we täsin galyp seretmändi.

Dag onuň ünsüni özüne çekdi, başynda pelpelleşýän pikirlerini derbi-dagyn etdi. Ussat ýerlerde işlenip çykarylan ýaly gat-gat galyp, asmana göterilen gara daşlar, olaryň üstünde gögerip oturan arça we kerkaw agaçlar, ýene şunuň ýalylar ony geň galdyrdy. Ol şulara seredip duran ýerinde şeýle diýýärdi.

«Eşiden deň bolmaz gören göz bilen» diýlen sözi ýene-de bir gezek tassyklady. Daşyň üstünde agaç gögeripdir, ulalypdyr. Bular baryp-ha biziň obamyzdan-da görnüp durýarlar. Olaryň köki neneň daşy deşip geçýärkä? Suwy nireden tapyp içýärkä? Daşlar gat-gat goýlupdyr. Bu kimiň işikä? «Hezreti Aly gylyjy bilen dagy iki ýarypdyr» diýerdiler. Bu dogry däldir. Heý, bu daşlary gylyç bilen iki ýarmak bolarmy? Ýöne welin bu daglaryň aşyklara ýol bermän, üstünde zaryn agladanlary, belki, dogrudyr. Meniň welin ýolum açyk. Ine, şu jülge bilen gitjek oturjak...

Bagşy atyň başyny çekip, biraz salym şeýle pikir etdi. Ol çuň jülgäniň içinde durup, ýokarsyna — daglaryň başlaryna seredýärdi. Bu ýerden garamak ony kanagatlakdyrmady, başlaryna çykyp görmegi höwes etdi. Atdan düşdi. Onsoň sag gapdalyndaky üstüne abanyp duran uly dagyň süýr depesine dyrmaşyp çykdy.

Beýik dag! Ine, şu ýerde ol yzyna öwrülip, öz watanyna birinji gezek garady. Obasy aýak astyna gelipdir. Näçe ýöredim diýse-de, giden ýeri ýok ýaly. Obasynyň welin özüniň görmeýänligine, ilinden arasyny açanlygyna, şundan aňryk gitse, hiç kimden haraý ýoklugyna we başyna näme gelse özi çaramalydygyna düşündi.

Dogry, ol öz başyny bir özi çaramaga boýun bolup çykypdy. Şoňa görä şu ýekeligi, dag we onuň öz göwsünde saklaýan iki aýakly, dört aýakly wagşylary: belent ruhy basyp bilmeýärdi. Şunuň ýaly hem: «Men han ýanyna nähili baryp bilerin? Ol meni kabul edermikä? Nähili kabul ederkä? Eşege ters mündürip,


enedilim.com

yzyma it salaýmasa ýagşydyr. Men şu gidip barşyma halkymyň sazyna ysnat getirmesem ýagşydyr» diýen ýaly gaýgyly pikirleri etmeýärdi. Şu ýere gelip ýetenine onuň ökünji ýok, şundan aňryk gitmäge-de hiç bir ikirjiňlenmeýär. Ol gitjek. Häzir ýöne daga tomaşa edip dur. «Atylan ok daşdan gaýtmaz» diýip, ol baryp-ha obalaryndan çykmanka aýdypdy ahyryn...

Ol bir çyzygyň içinde durmakçy däldi. Häzirki barýan ýerine öňi-soňy gitmekçidi. Sazandalygy bilen Kesarkajy, Maryny, Salyr-Sarygy baglamak ony kanagatlandyrmaýardy. Hywany, Eýrany gezip, ol ýerlerde hem özüni bildiresi gelýärdi. Ýöne welin beýle gitmekçi däldi. Özüniň söwer dosty Aly bagşy bilen we başgalary bilen gitmekçidi.

Dagyň başynda ol töweregine ser salyp uzak oturdy. Päkize şemal onuň ýüzüni ýalap geçýärdi we pikirini durlaýardy. Ol şu ýerde özüniň bu gaýdyşyny gaýtadan pikirinden geçirdi. «Belki, men ýalňyşýan bolaýmaýyn? Obamyň batyrlaryny öýkeletdim. Olar bihal adamlar däldiler ahyryn. Oba olaryň agzyna seredýär. Men näme üçin olaryň diýeni bilen bolmadym? Olar hanyň kimligini menden ýagşy bilýändirler ahyryn. Kemakyllyk eden bolmaýyn?» Ol şeýle diýip, töweregindäki daglaryň beýik başlaryna ýene-de bir gezek garap çykdy we öz-özünden soran sorag-aryna şeýle jogap berdi.

«Ýok, bu kemakyllyk bolup bilmez. Men agamy dutarym bilen azat etmelidirin. Şonda men onuň eden ýagşylygyny yzyna gaýtaryp bilerin. Dutar! Dutar — gylyçdan zordur, zor hem bolmalydyr. Heý, dünýäde saz-söhbete ýetesi-de bir zat bolarmy? Bolmaz!.. Bu diňe bir ynsana täsir etmän, haýwanlara hem täsir edýändir. Munuň gadyryny-gymmatyny bilmeýän bolmaz. Dutaryň pygamberi Babagambar Hazreti Alynyň Düldülini bakýan äken. Düldül horlanyp başlapdyr. Aly muny aňlapdyr. Onsoň ol: «Düldül näme üçin horlanýarka?» diýip, onuň sebäbini biljek bolupdyr. Ýerasty bilen aňtap ýörýärkä, ahyry bir gün Babagambar öz ýasan dutaryny çalyp otyrka, Aly onuň üstünden barypdyr, şol wagt Düldül hem otuny iýmän, saza gulak asyp duran eken...

Iliň hany bolup oturan hanyň hem dutaryň gadyryny bilmegi gerek ahyryn. Meniň şu barşym hakdyr! Men şeýle gitmeli-

dirin. Şoňa obaň adamlary hem indi düşünen bolsalar gerek. Ýegsam olar eýýäm gelip, meni yzyma gaýtarjak bolardylar we töwella ederdiler. Meniň boş geljegimi olaryň arasynda, belki, bilýänler hem köpdür. Hanyň ýanyna bararyn hem oňa agamy berip goýbermäge mejbur bolar ýaly heňler çalyp bererin. Heňler bolmasa...»

Häzir onuň pikirini bozýan zat ýokdy. Diňe bir dagyň düýbünde, dar jülgäniň içinde ýeke goýup gaýdan aty ýekesiräp kişňeýärdi we ony öz ýanyna çagyrýardy.

Bagşy dagdan düşmekçi bolanynda ýurduna gaýtadan gözlerini gezdirip çykdy. Gara baglar, obalar, süri-süri mallar, olaryň aňyrsy bilen görünýän Garagumuň depeleri... Nähili hezil! Nähili gözel!.. «Bu ýurtdan çykyp, şu belent daglaryň üstünden aşyp, ýene-de ýurduna gaýdyp gelip bilýän ýigitler köpdür...

Biziň şu gözel ýurdumyzy taşlap, mundan dönüp gidýän, baryp hana hyzmat edýän dönük gara sömlere nälet bolsun!.. Olary halkymyň gargyşy ursun! Meni han gahar edip zyndanyna salsa-da, bu ýurdum meni hanyň elinde galdyrmaz!..»

Ol şeýle diýip, eline dutaryny alyp, Görogludan «Goja daglar» diýen heňi çaldy. Munuň ýany bilen onuň aýdymyna hem gygyrdy.

Goja daglaryň başynda
Ýaz bir ýana, gyş bir ýana.
Titrär agzymyň içinde
Dil bir ýana, diş bir ýana.

Goja dagdan ýollar aşyp,
Ýaz bolanda çaýlar daşyp,
Gyr atymdan aýra düşüp,
Baş bir ýana, läş bir ýana.

Ah çekdim, bilim büküldi,
Sütünim arşa çekildi.
Gözümden sil dek döküldi
Gan bir ýana, ýaş bir ýana.

Görogly diýer nädeli?
Baş alyp nirä gideli?
Öweze kömek edeli,
Dört bir ýana, bäş bir ýana.
Ah, dört bir ýana, bäş bir ýana!

Sazanda ol aýdyma şeýle bir gygyrdy, eger onuň sesini magnitli belent daglar, çuň jülgeler hiç bir ýana goýbermän, özlerine çekip durmadyk bolsalardy, onda obasynyň adamlary diňläp oturyp bilerdiler.

Bagşy dagdan düşdi. At ony hokranyp garşyla-dy we atlanmagyny isläp, gelip ýan berip durdy.

Bagşy bu atyň eýesi däldi. Ozal oňa bir gezek-de münmändi we bir gysym-da ot bermändi. Emma olar geçen bäş sagadyň içinde dostlaşypdylar.

Ol gidip barýar.

At ozal özüniň onlarça gelip geçen ýolundan — gara daşlaryň üstünden aýaklaryny batyrgaý basyp gidip barýar.

«Gyrmyldan gyr aşar». Sazanda bir gün ýöredi, iki gün ýöredi, onsoň üç gün ýöredi. Ahyry hanyň galasynyň işigine ýetip aýak çekdi. Şu ýere çenli oňa ýaman niýet bilen duşan adam bolmady. Kim öňünden çyksa, ilki näme üçin barýanlygyny sorap, onsoň oňa ýol salgy beripdi.

Hanyň iki sany nökeri bagşyny şeýle bir «yhlasly» şeýle bir «gadyrly» garşylady, hiý diýip-aýdar dagy eder ýaly bolmady. Geljegini bir aý öňünden eşidip, gije-gündiz ýoluna garap duran myhmanlaryny hem şeýle içgin «garşylamaýan» bolsalar gerek... Sazanda hanyň howlusyna, şäheriň belent we ajaýyp jaýlaryna seredip tomaşa etmäge hem goýmadylar.

At halys durupdy. Şu ýere öz sütünini süýndürip atypdy. Mundan aňryk onuň taýaklap kowulsa hem gideri ýokdy.

Hanyň nökerleri onuň iki jylawyndan şapba ýapyşdylar-da sakladylar. Onsoň onuň üstünden bagşyny tutaklap düşürdiler. Olaryň ikisi iki ýerden sazandanyň egninden dutaryny sypyryp aldylar-da, gabyndan çykaryp gördüler.

Hyrly tüpeň däl! Örän gurat, kirişleri zyrňyldap duran dutar! Eliňe alyp çalybermeli. Onuň şol beýik dagyň üstünde oturylyp düzülişi. Kirişler birazajyk-da gowşajak bolmandyr.

Geň galmaly zat. Olar dutar bilen gyzyklanmadylar. Ony bir ýana, elleriniň tersine taşladylar-da, onuň eýesi bilen boldular. Jübüsini, goltugyny barladylar. Onsoň guşagyny çözüp, onuň gatlaryny agtaryşdyrmaga durdular. Dökdüler: Emma ellerine oňly zat ilmedi.

Bagşy şu ýerde aşaky dodagyny dişläp, başyny ýaýkady. Näme üçin beýle etdikä? Dutary zat hasap edilmän, onuň bir ýana taşlananyna şeýle etdimikä? Jübüsini puldan dolduryp gelmäni üçin bolmasyn? Belki, şoňa ökünendir! Ýöne welin onuň özi hem bilini sermeşdirdi. Näme üçinkä! Onuň aýda-ýylda bir gün ak saply pyçak göteräýmesi bardy. Belki, şony gözländir? Iki gaşynyň arasyndaky hamyň joýa ýaly bolup çyzylyp gitmegi şony hem çen etdirmän durmaýardy.

— Nireden gelip, nirä barýarsyňyz? — diýip, olar ýaňky içgin ýapyşmaklaryny goýdular-da, gaty ses bilen bagşydan soradylar.

— Indi bolduňyzmy? — diýip, bagşy olardan sorady.

— Bize habaryňy ber! Nireden gelýärsiň?

— Şeýleden gelýärin — diýip, bagşy gelen yzyna tarap çytylyp duran ýüzüni öwürdi. — Şu dagyň aňry ýüzünden. Barşym bolsa siziň hanyňyzyň ýanyna! Meni onuň ýanyna alyp baryň!

— Hanyň ýanyna? Siz kim bolarsyňyz? — diýip, olar arkan çekilip durdular-da: — Biz bilmändiris, biziň günämizi geçiň! Hanymyzyň ýanyna barýan bolsaňyz! — diýdiler.

Olar şeýle diýip, bagşa ýalbarmaga we ýaňky boluşlaryndan ötünç soramaga durdular.

— Hawa, hanyň ýanyna. Meni onuň ýanyna alyp baryň!

— Bararys, häziriň özünde!

Gaçar gorkusy bolmadyk, ýöne welin özüniň kabul edilişinden närazy bolan myhmanynyň ýanynda olaryň biri galyp, beýlekisi galanyň içine urup gitdi.


enedilim.com

# IV

Han öz oturýan otagynda gününi nämä güýmenip geçirjegini bilmän, töweregini garanjaklap, tukat halda otyrdy. Ol näme bilen gyzyksyn? Ýaş aýallary bilenmi, bagşysy we gürrüňçileri bilenmi? Bular her günde bolup durany üçin, ony halys irizipdi. Oňa häzir, näme-de bolsa täze bir süňňi ýeňillik gerekdi. Nähili täzelik ol? Ony hanyň özi aýdyp berip bilmeýärdi. Her halda handyr. Beýle içini gysdyryp uzak oturmaz. Nähili bolsa-da onuň keýpi tutar ýaly hezillik tapylar. Muňa güman barmy? Ýanynda oturan iki sany adam şonuň aladasyny az etmeýärdiler ahyryn...

Sazandany derwezäniň daş ýüzünde goýup, özi aýak aldygyna gaýdan nöker, şol gaýdyşyndan ýazman, hanyň oturan otagynyň işigine geldi-de, rugsat almak-beýleki ýok, gapyny şarkyldadyp açdy. Onsoň aýaklaryny jüp basyp:

— Ha-han aga, s-siziň ýanyňyza gelmegi s-sorap bir adam geldi — diýdi.

Ana saňa täzelik!..

Hanyň süzülip duran gözleri ýalpa açyldy. Nökeriniň bolup gelşinden gelen adamyň ýönekeý bir adam däldigini ol aňlady we öz söýgüli adamlaryndan biridir diýip bildi-de:

— Bar, gelsin! — diýdi.

Nöker alyp gelmäge gitmedi. Özüniň heniz aýtmaly zady bar ýaly we şony aýtmaga özüni taýýarlaýan ýaly, demini dürsejek bolýar. Ondan habarsyz han onuň direnip durmagyna gahar edip:

— Kim ol? — diýip sorady-da, onuň berjek jogabyna garaşmak bilen bolman, ýene-de:

— Bar, derrew alyp gel! — diýip, ony gyssady. Oňa: «Bar, derrew alyp gel» diýmän, iň ilki bilen ol geleniň kimdigini ondan ymykly soramalydy. Nöker geleniň kimdigini mazaly aýtman, ýöne «Git, getir!» diýleni bilen ony bu ýere alyp geljek gümany


enedilim.com

ýokdy. Şonuň üçin-de direnip durdy we demini dürsejek bolýardy.

Ol ýene-de sojap:

— Biz onuň kimdigini bilmedik. Soradygam welin aýtmady. Öz-ä türkmen. Ýöne täk bir özi! «Meni hanyň ýanyna alyp baryň» diýip, bizden sorady — diýdi.

— Kim? — diýip, han gaýtadan sorady we özüniň ýaýrap oturyşyndan çaltlyk bilen ýygnandy:

— Näme üçin onuň kimdigini, näme üçin gelenligini bilmediňiz? Türkmen diýdiňmi?

Nöker gyssandy:

— Tanamadyk, h-han aga. Biz soradyk: «Siz kim bolarsyňyz» diýip. Ol jogap bermedi. Ýöne: «Meni hanyň ýanyna alyp baryň» diýdi. Öz-ä tüýs türkmen. Täk bir özi!..

— «Türkmen, täk bir özi». «Men han ýanyna barýaryn. Han ýanyna barýaryn». — Han şeýle diýip, nökeriniň küti dodaklaryna süýkeşdirip aýdan sözlerini öz dili bilen tekrarlady-da: «Kimkä? Ol bu ýere näme üçin düşdükä? Belki, dönük bolup düşendir ýa ýesirlerini satyn almaga geldimikä?» diýen pikire gitdi. Onsoň ol ýene-de:

— Täk bir özümi? — diýip, ýaňadandan sorady.

— Hawa, täk özi. Bir hor ýabysy bilen, bir dutary bar.

— Dutary bar diýdiňmi? Bar, onda tiz alyp gel — diýip, han nökerine buýurdy. — Ylgap git-de tiz getir!

Ol şeýle diýip, buýrugynyň üstüni ýetirdim etdi. Onsoň ýanynda oturanlaryň birini hem oňa goşup goýberdi.

Olar myhmany häziriň özünde alyp gelerler. Ylgap gitdiler. Emma hanyň şoňa-da sabry ýetmedi. Ýerinden tasanjyrap turdy. Olaryň yzyndan ol hem ylgamakçymyka? Daş işige çykyp durdy we öňi bilen hiç bir zatdan habarsyz bir nökeriniň geçip barýanlygyny gördi. Han oňa gygyrdy:

— Bar, tiz alyp geliň!

Nämäni alyp gelmeli? Ol nöker hiç zat bilmeýärdi ahyryn. Şunuň üçin ol gazyk ýaly dikilip durdy we özüniň nämäni alyp gelmelidigini sorady. Han oňa düşündirmez. Şeýle hem etdi. Özüniň näme buýurýanyny bir sözde aýdaýmagyň ýerine, oňa

on gezek agzyny dolduryp, hapa sögünçler bilen sögdi. Bu nähili gaharly han? Indelmezden gelen myhmany hem şeýle gahar bilen garşylaýmasa ýagşydyr.

Sazanda hanyň ýanyna getirildi.

Han bilen bagşy salamlaşanyndan soň, ara dym-dyrslyk düşdi. Bu dymşyp oturmaklyk uzaga çeken bolsa hem hiç kimiň ýüregine düşmeýärdi. Belki, onuň mundan artygrak hem dowam etmegini iki tarapam isleýändir?

Hanyň gözleri bagşyda: onuň dutaryna, gara silkme telpegine, agar çäkmenine we aýagyndaky owadan gülli jorabyna, pikirli ýüzüne, hemme zady göresi gelmeklik bilen garaýan gözlerine seredýär.

Sada türkmen ýigidi. Onuň gyn-gyssag görmän, azajyk-da ýylgyrman, örän arkaýyn oturmagy hanyň ünsüni hemmesinden beter özüne çekdi. «Kimkä? Bagşymyka ýa-da ýurt çalyp ýörenmikä? Dutary ýüzüniň perdesi bolaýmasyn?»

Han şeýle pikir edip, oňa syn etmeginden belli bir netijä gelip bilmeýärdi. «Her halda ýöne adam däldir» diýip, ahyrsoňy oňa şu umumy bahany berdi.

Sazanda özüniň gözden geçirilýänligini aşaklyk bilen aňlaýardy. «Synlabersinler. Kel däl. Kör däl. Ýirik-ýyrtygym ýok». Bagşy içini gepledip, hanyň ýaşaýyş derejesini gözden geçirýärdi. Mämmetýar hanyň derejesi onuň ýadyna öz hanlaryny düşürdi.

Ol Nurberdi hanyňka barmandy, onuňka baryp, saz çalmandy. Ýöne welin onuň gyzyl begres bilen nagyşlanan ullakan çadyrda oturýanlygyny kesesinden seredip görýärdi. Onuň içine haly düşelgidigini bolsa görenlerden eşidýärdi.

Ine, şolardy...

Ol häzir içine gül pürkülen ýaly tamda otyr. Onuň owadan nagyşlaryna gözi gidip seredýär. Ol her halda özüniň bu derejä geň galanlygyny gizläp bilşinden gizlejek bolýardy.

Minutlarça dowam eden bu dymşyp oturmaklygy ahyrsoňy hanyň özi bozdy.

— Hm, myhman, ýagşy geldiňiz, hany, danyşyp oturyň! Käriňiz näme bolar? — diýip, han sazandanyň gapdalynda diwara söýelgi duran dutara garady. — Bagşymysyňyz? Ýa-da...

— Kär sazandalykdyr, han aga — diýip, bagşy şol bir çök düşüp oturyşyna jogap berdi.

— Çoh ýagşy! — diýip, han sakgalyny sypap, bir gobsundy-da ýene sorady:

— Onda, siz, aýdyp oturyň, kim bolarsyňyz? Men türkmenleriň atly bagşylaryny eşidýärdim: Garadäli bagşyny, Aly bagşyny, başgalary...

— Men atly bagşy däldirin — diýip, sazanda jogap berdi. — Men ýöne öz ýurdumyň diýsene — diýip, han gözlerini elek-çelek etdi. Ol oňa ýamaşgandan garamaga durdy. Onuň häzirki seredişi ozal görüp bilmän galdyran zadyny indi bilen ýaly ýa-da şoňa meňzeş bir zady gözläp tapjak bolýan ýaly örän ýitidi.

Bagşynyň şol bir oturyşy oturyşydy. Ýüzünde-gözünde üýtgeýän ýeri ýok. Ol gönüsini aýdypdy ahyryn.

Sazandanyň bu nomaý sözüne hanyň çyndanmy ýa-da ýalandanmy, garaz, gülküsi tutdy:

— «Öz ýurdumyň sazandasydyryn» diýdiňmi, myhman? Hy--hah hyh-h-h...

Han gülýär. Ol bagşy bilen hezilleşip gitdi, keýpi göterildi. Onuň gülküsini goldan beýleki iki adam-da gülýärdi.

Olaryň näme üçin gülýändiklerine, belki, sazanda-da düşünýändir. Ol: «Gülseňiz gülüň» diýen ýaly edip, ýene-de:

— Hawa, men öz ýurdumyň sazandasydyryn! — diýdi. Şeýle diýmegi bilenem onuň ýüzi hem çytylyp gidipdi.

Öz gülküsiniň myhmanyna täsir edenine begenen ýaly, han ýene-de şol gülküsini dowam etdirdi.

— Hah-hyh-h-h-h, myhman, sen «öz ýurdumyň» diýip, ne uly gepläp başladyň? Haýsy ýurduň?

— Öz ýurdumyň.

— «Öz ýurdumyň sazandasydyryn» diýdiňmi, myhman?

— Hawa, men öz ýurdumyň sazandasydyryn.

— Haýsy bir ýurt ol, öz ýurdum diýýäniň? Hany aýdyp ber: şol biziň bilýänimiz — Keýmirkörüňiziň ýurdumy? Eger-de ol boljak bolsa, onda siziň bagşyly bolar ýaly, beýleki bolar ýaly ýurduňyz ýokdur. Siziň iň zoruňyz Keýmirkör diýeniňiz bolupdyr ahyryn. Dogry, ol Nedir şa bilen-de dalaşypdyr. Ýöne welin ol ýurtludyryn

diýip, dilini ýaryp bilmän geçipdir ahyryn. Ol hemişe: «Meniň ýurdum Hatap galasydyr» diýip, düýäniň üstünde ýaşar eken. Siziň aňryňyzdan Hywa, bäriňizden bolsa... Sizde nä ýurt bolsun, agyz dolduryp aýdar ýaly, hyh-hy-hy...

Hanyň keýpi köklügine, gamsyzlygyna geň galyp oturan ýerinde «Gep oýundan ýeter» diýen atalar sözi bagşynyň ýadyna düşdi. «Gülkiniň aşagynda näme-de bolsa bir zat ýatandyr. Ýönekeý ýere bu beýle azar edinip gülmez, ýanynda oturanlara hem gülüň diýen garaýyş bilen seretmez». Bagşy han gülüp bolýança şeýle pikir etdi. Haçan hanyň gülküsi galandan soň bolsa, ol ýene-de:

— Meniň ýurdum bardyr, ýurdumyň bagşysy hem bardyr — diýip, bagşy aýdanyny berkleşdirdi.

— Biz asyl-ha myhmanyň habaryny bir günden soň alýandyrys. Siziň habaryňyzy welin, häzirden alsak-da boljak ýaly. Hany, onda aýdyp oturyň, siz näme iş bilen geldiňiz? — diýip, han ondan sorady.

— Bir kiçijik iş bilen, han aga. Ony häzirden aýtsagam bolar, aýtmasagam bolar. Ýöne şunsuny aýdaýyn: şu dutar bilen size iki sany heň edip beräýmäge geldim. Hawwa, siziň eliňizde meniň doganym bar, şony hem beriň diýip, sizden soramaga geldim. Artyk habarym hem ýok meniň.

— Nä dogan ol?

— Mundan on bir gün ozal size bendi düşüpdir.

— Onda Gurbowyň galasyna çozanlardan tutulandyr — diýip, hanyň ýanynda oturanlar hanlaryna aýdyp berdiler.

— Heňi şonuň üçin çalyp berjekmi? Hä, ol diýseňiz-le, «Şol diýip geldim» diýsene. — Han bagşynyň ýüzüne gaýtadan seredip, ýene-de gülmäge durdy. — Saz çalyp bermäge, hah-hah. «Ol meniň doganymdyr» diýsene. Ýagşy doganyň bar eken...

— Han aga, siz kän güldüňiz.

— Myhman gaty görme, siziň gep urşuňyz gülmez ýaly däl. Bolşuňyz gaty geň. Emma sen munda göwnüňe hiç bir zat getirme. Bu biziň degişmämizdir. Bagşy halky bolsa degişmegi göterýän bolmalydyr. Onsoň hem biz ýagşy gören myhmanymyz bilen ýalaň şeýlediris... Sen habaryňy aýdyber. Hy-h-h...

— Men göwnüme hiç bir zat getirmeýärin. Hawwa, birazajyk getirmänem durmaýaryn. Han aga, meniň şu gelşim gülkümi? Onuň ýaly bolsa bilmedim... Şu iň gowy bolup gelşim: dogry, başga hili hem gelişlerim bardy, eger geleýin diýsem. Ýok, men başga hili gelmegi islemedim. Ony obam hem maslahat bilmedi. Şonuň üçin-de, ine, şeýle geldim. Emma bu gelşim gülki bolup çykýan ýaly boldy, gaty bilýärin welin...

— Myhman, bu gelşiň-ä, ine, görýäris. Hany aýt, başga nähili gelşiň bardy?

Bu soragy hanyň gülküsine goşulýan, belki, ondan hem içýakgyjrak gülýän gyrçak gara sakgally, bili gök guşakly, orta boýly adam berdi. Ol özüniň soragyndan göwni hoş bolup, sakgalyny sypap, hanyň ýüzüne garady.

Sazanda biraz arkaýynlaşypdy. Indi gelendäkisi ýaly ýüregi tarsyldap uranokdy. Gepleşip oturanlary özünden artyk däl, bolaýsa özi ýaly. «Urşuň daşyndan içi aman» diýip, bagşy hanyň salgyny ilki eşidendäki özüniň gaýgysyny ýadyna saldy. Ol häzir hanyň ýakyn ýanynda otyr. Onuň bilen sözleşýär. Göni hem däl, gyşaryp hem gördi. Näme üçindir, han özüni asmandan asyp oturmady. Bagşydan gözleri dokunmanlygyndanmyka? Ýok, ondanam-a däl ýaly. Dogry, ol bagşynyň gepine-sözüne gülýär. Onuň bilen bälçireşýän ýaly gürleşýär. Emma onuň gülküsi bir hili, äsgermeziň gülküsi däl ýaly, ondan bir hili ýürek awamasy duýulýar. Ol sazandanyň ýüzüne seredende, nämedir bir zatlary pikir edýän ýaly bolýar. Şonda ýüzüniň reňki hem solýar, gülküsiniň hem soňuny «hyrk-hyrka» berýär. Çal murty küsserýär. Kim bilýär, belki, hanyň ýadyna başga bir zatlar düşse-de düşýändir.

«Başga nähili gelşiň bardy?» diýende, sazanda bir-az pikirlenip oturanyndan soň jogap berdi.

— Men han agadan doganymy dilemäge ilimiň iň saýlama ýigitleri bilen hem, iň saýlama at-ýaraglary bilen hem gelip bilýärdim, eger geleýin diýsem! Bu biri, gardaş! — Onsoň bagşy ýüzüni ýokary tutdy.

Onuň bu jogaby baryp hana şarpyldap degdi. Ol myhmanyň sözde «sazandadyryn» diýip başlap, indiki aýdyp oturanlaryna

indi düşünen bolsa gerek, ynjalyksyzlandy. Myhmanyň ýüzüne seredip, agramyny beýleki uýlugynyň üstüne ýeňillik bilen atdy. Ýüzi, erni gyşardy, ömründe bir gezek-de gülmedik ýaly, asyl gülmäge ukypsyz ýaly boldy. Sakgaly has agardy, näme üçindir, häzir onuň düýbünden hyna-da gyzaryp göründi. Gözleri mölerdi-de, belli bir zada nazar salman, giňden açylyp durdy. Indi gülküsi tutanok. Onuň ýap-ýaňy bagşyny masgaralap gülýän gülküsi hany?! Ol nirä gitdikä? Näme üçin gitdikä? Ol gülküler sazanda gaty görýär diýlip we myhman sylanyp goýulaýan-a bolmasyn? Onuň üçin däl bolsa gerek. Myhman özüne gülünmegini gaty görýänligini ilkibaşda hem bildiripdi. Eger han myhmanyň gaty görýänine keýp edip gülen bolsa, onda henizem gülübermeli ahyryn. Myhman onuň gülküsini gaty görýär. Ýöne welin han beýle ýagdaýa düşer ýaly myhman näme diýdi? Ol ýöne «mesaýy bir zat» diýdi ahyryn. Şunda näme gorkunç we gaharlanar ýaly zat bar? Belki, han onuň beýle diýmeginden bir zatlar aňlandyr. Ýogsam, ol ýene-de gülerdi. Nöker gelip: «Türkmen geldi» diýip aýdanyn-da, hanyň gözleriniň öňüne daýanykly, syrdym ýigitler we olaryň gulan atlary gelipdi. Nöker: «Täk bir özi» diýip aýdanda bolsa, han geleni görmäge howlugypdy. Soň bolsa bili gylyçsyz, aýagy bökejem hywa ädiksiz, egin-eşigi ýönekeý ýigit onuň keýpine gelipdi.

Myhmanyň şol bolşuna: «Men öz ýurdumyň sazandasydyryn» diýmegi bolsa, hanyň gülküsini tutdurmady, gaýtam, gaharyny getirdi. Ol myhmanyna nähili «sylag» etjegini şu ýerde pikir etdi: «Munuň garşyma geçip aýdyp oturanlaryny görle. Meni gorkuzmagy hyýal edýärmikä? Elini-aýagyny daňdyryp, zyndana atdyraýjagymdan habary ýokmuka? «Saýlama ýigitler bilen hem, saýlama at-ýaraglar bilen hem gelip bilýärdim» diýdi. Näme üçin onda şeýle, boýun synyp geldikä? Näme üçin bu şony maňa aýdýarka? Düşünmeýärin. Hiç bir bolşuna düşünmeýärin... Bu bir samsyk bolaýmasyn? Sen bu haýbatyň bilen meni gorkuzyp, doganyňy alyp gidip bilmersiň! Muny näme etsem, hanlary dagysy bilen hemmesine ýagşy göz görkezip bilerin? Yzyna it salyp kowmalymy, ýa zyndana taşlamaly ýa-da näme etmeli? «Sazandadyryn, saz çalyp berjek» hem diýdi. Onda men muny

Gulam bagşynyň eline bereýin. Şony ýeňip bilseň, doganyňy alyp git diýeýin. Gulam muny güjük dalan ýaly edip dalar. Onsoň muny nätmelidigini özüm bilerin. Eşege ters mündürip, yzyna it salagada ýurduna kowup goýbererin. Şeýle ederin. Ýöne welin munuň özý bagşy bolaýbilse ýagşydyr. Näme bolsa şol bolsun. Şeýle ederin...»

Han şu pikirini tizden ýerine ýetirmäge howlugan ýaly, bagşa şeýle sorag berdi:

— Myhman ýigit, hany, dogryňdan gel, sen bagşy däl, seniň aýdyp oturan zatlaryň asla bagşyň aýtjak zatlary däl. Sen bagşymy? Ýa?.. Gel, dogry geple...

— Dogrymdan gelsem, han aga, men sazandalygyma sazanda. Ýöne welin öz doganymy diläp, siziň ýanyňyza horjuny gyzyldan dolduryp hem, bir-iki sany düýäni halydan ýükläp hem gelip bilýärdim, eger geleýin diýsem. Siziň ýanyňyza beýle gelmegi hem maslahat bilmedik. Şunuň üçin bolsa, ine, şeýle geldim. Biziň dünýäde iň eziz görýän zadymyz sazdyr, han aga, muny, belki, sizem bilýänsiňiz, türkmenleriň bir heňe bir düýe tutýanyny we başga zatlar tutýanyny bilýänsiňiz. Biz şeýlediris. Siziň hem sazy söýýänligiňizi, özüňizem bagşy saklaýanyňyzy eşidýäris. «Mämmetýar han — saz gadyryny bilýän han» diýip. Şu söz biziň obamyzda eşidilip durýardy. Şunuň üçin biz oturdyk-da, hanyň ýanyna adamyny diläp, nähili barmaly diýip maslahat etdik, onsoň şu karara geldik: «Hana dilege gahar bilen, pul bilen barmaly däl, diňe bir saz bilen barmaly. Şonda ol möhümiňi bitirer» diýildi. Ine, şoňa görä-de, özüm sazanda bolanym üçin, men siziň huzyryňyza saz bilen geldim. Eger doganymy azat ederin diýseňiz, onda size şu «warak» dutar bilen bir-iki heň edip berjek, han aga.

Han ulumsyrap, arkan gaýşyp pallady.

— Meniň saz söýýänligim şol ýerlere hem düşýärmi? — diýip sorady.

— Hawa, han aga, dünýede eşidilmez-bilinmez zat bolmaz, eşidýäris. Onda-da her günde.

Han has gyzyklandy.

— Meniň hakymda başga nähili zatlar eşidýärdiňiz?

— Başga-da gowulygyňyz hakynda köp zatlar eşidýäris, han aga.

— Meselem, nämeler?

Bagşy biraz ýaýdanjyrap durdy-da: — Onsoň hem... — diýdi.

— Meselem, nämeler? — diýip, han ýene-de çintgäp sorady. Onuň eşidesi gelýär.

Bagşy indi näme jogap berjegini bilmän, mähetdel galdy. Ýokarsyny garap pikirlendi. «Näme diýsemkäm» diýip, gözlerini gyrpyldadyp pikirlendi. Ol hanyň nähili jogap alasy gelýänligini bildi. Oňa: «Siziň adalatlydygyňyz, batyrlygyňyz hakynda eşidýäris» diýmeli. Ol hanyň gyzyl ýüzüne seredip oturan ýerin-de beýle diýmäge, ýöne hany oýnap goýbermäge-de dili barmady. Onsoň ýöne oturmanyň ýagdaýyny tapman we özüniň toslap tapýanyny hana aňlatmajak bolup:

— Aý, han aga, sanap oturmagyň hajaty ýok, ýöne köp zatlar eşidýäris — diýdi.

Han onuň bu soraga jogap bermäge kynlyk çekenini bildi-de, başga soraga geçdi.

— A, sazandalygym hakynda? — diýdi.

— Ony hem eşidýäris. Ýöne «han çepbekeý» diýip eşidýäris.

Dogry, han saza ökde bolmasa hem dutar çalyp bilýär eken. Onuň çepbekeýligi hem dogry. Bu hakda sazanda ozalam bir ýerde eşidipdir, bagşynyň şuny aýtmagy örän ýerlikli boldy. Şunuň bilen birlikde hem han bagşynyň toslap aýdanlarynyň baryna ynandy. Onsoň ol ýene-de ulumsylanyp:

— Aýdanlaryň dogry, belki, maňa saz çalyp bermäge geleniň hem dogrudyr — diýdi.

— Dogry, han aga! Näme bolupdyr dogrym bolman?..

— Hm — edip, han biraz böwrüni diňläp durdy-da:

— Emma diläp gelen adamyň etmişlidir — diýdi.

— Bilýärin, han aga.

— Bilýän bolsaň, onuň bahasy gymmatdyr.

— Ony hem ýagşy bilýärin. Ýöne han ýanynda onuň näme gymmaty bolsun, han aga. Ol bir adam ahyry!

— Doganyňy şu dutaryň bilen almakçymy?

— Şeýle niýet bilen geldim, han aga.

— Sazyň bilen alyp bilmersiň!

— Onda... — diýip, sazanda dymdy we ýaňy hanyň ugruny tapandyryn diýip süýjän agzyna öt çaýylan ýaly boldy.

— «Ondaň» näme? — diýip, han sazandanyň ýüzüne seretdi we özüniň hälki eden pikirine ýene-de gaýdyp geldi. «Onda sen atly-ýaragly gelersiň, hany şeýle gelibem bir gör!» diýip, içini gepletdi-de, bagşynyň öňünde şeýle şert goýdy.

— Meniň bir bagşym bar. Eger sazanda bolsaň, şony ýeň-de, doganyňy alyp gidiber! Eger ýeňilseň, onda meniňkem seniň «ondaň»... bolar!

Han şeýle diýip, ýüzüni aşak saldy. Onuň ýanynda oturanlar hem hanyň şeýle diýmegini makullap, gozganyşyp oturdylar.

Bagşy ýeňilse, han näme etjegini aýtmady. Goý, aýtmasyn. Bagşy indi ondan ýagşylyga garaşýan däldir.

Onsoň Şükür: «Hanyň bagşysy kim? Ony ýeňip bolarmy-bolmazmy?» diýen ýaly pikir etmän:

— Bolýa, synanaryn. Eger basylsam, onda näme etseň şony et — diýdi.

Onuň tüýi emgenmän, mertlik bilen beren jogabyna han geň galyp tisgindi we:

— Sen kim bilen saz çalyşmalydygyňy — Gulam bagşyny tanaýarmyň? — diýip sorady.

— Eşidýärin — diýdi-de, bagşy bir iňkise gitdi.

— Onda bol. Ertirden başlarys! — Han şeýle diýip, ýerinden turdy. — Biz myhman söýýändiris. Bu gün agşamy bilen dynjyňy al, iý-iç — diýdi.

Onsoň ol ýanynda oturanlardan birine sazandany myhmanhana alyp barmagy we iýmek-içmekden kem zadyny goýmazlygy buýurdy.

Sazanda hanyň ýüzünden erbet niýetlerini okap, gaýgyly turdy.

# V

«Han halys bolmazyna tutan bolsa gerek. Gulam bagşy! Men ony eşidýärdim. Onuň dabarasy dag aşyp, biziň obalarymyza çenli baryp ýetendir. Ba-a, ony ýeňip dogany alyp ötägitmek — eşekden palan alaýmag-a däldir. Hanyň hem bagşysyna göwni ýetýär. Ol diňe bir şoňa daýanyp uly gepländir, hondan bärsi bolup joşandyr: «Meň bagşymy ýeň-de, doganyňy alyp gidiber...»

Sazanda hanyň ýanyndan turup, myhmanhana barýança şeýle pikir etdi.

Ony bir kiçijik tama alyp bardylar. Tamyň için-de bir adam oturybermeli düşek bar. Ýekeje äpişgesi bolup, ol hem ýumruk sokaýmaly, darajyk. Onda bu golaý-goltumda adam hem ýaşamadyk bolara çemeli. Diwaryň ýüzüne ýelmeşen kerepleri bagşy gördi. Ol her halda munuň içine özüniň pikiri we dutary bilen ýerleşip bildi.

Ýanynyň bir çäýnek gök çaýy bilen bir tabak piti getirip, oňa berdiler. Ol nahardan-çaýdan iýip-içip egismedi.

Işdäsi ýanypdyr. Goýberiljek at ýaly, galpyldap pikir edýär.

«Men nämeden beýle darygýaryn? Gulam bagşy ýaly bagşylary görmerin diýip, bu ýere gaýdypmydym? Ýok, han kimi bolsa öňüme çykarybersin. Saz çalşyp almaly bolsam bolýar. Maňa asyl geregi şol ahyryn! Gulam bagşy ýaly bagşy bilen saz çalşyp bilmäge gorkjak bolsam, onda seniň üstüňe başga hili bolup gelerdim. Onda gezegi çolak Batyra, obamyň ýigitlerine bererdim ahyryn. Men ony etmedim. Saz çalyşmaga meýil edip geldim. Şu dutarym bilen agamy azat edip bilmesem, onda onuň inisi bolup bilmedigim diýip, kasam edip geldim. Şu kasamy seniň Gulam bagşy ýaly bagşylaryň känligini bilip durup etdim ahyryn. Ýöne welin han sözüniň üstünde tapylaýbilse ýagşydyr. Nähili ýol bilen bolsa-da iň ilki bilen onuň şu tarapyny pugtalamaly.

Eger ol sözüniň üstünde dursa, onda tüýs meniň diýenim gelýär... Armanym galmaýar. Getir Gulamyňy!.. Gelsin şol Gulam!..»

Bagşyň ýüregine howul düşüp, ýerinden zöwwe turdy. Daşary tüm-garaňky bolup, darajyk äpişgeden görünýärdi. Sazanda özüniň bu tama gün ýaşmanka gelip girenini ýadyna düşürdi. Indi bolsa gijäniň bir wagtlary bolup gidenini aňlady. Onuň ýanyna gelip-gidýän ýok. Bir adamyň mazut ýagly çyrany ýakyp, şol gidişi. Daşardan adam sesi, aýak sesi hem eşidilmeýärdi. Içerde gezmeleýär, ölügsi çyra seredip durýar. Beýle ýekelik, munça wagty bir öýde bir özi oturyp geçirmek onuň haýsy bir ýerde, haçan gören zady? Darajyk tam onuň içini ýyrtyp barýardy. Onsoň ol dagy näme ederini bilmän, ýazylgy duran düşegiň üstüne özüniň ýadaw göwresini goýberdi.

Ol hanyň ýumşak düşeginiň üstünde ýatjakmydy? Onuň hözirini görmek isleýärdimi? Ýok! Asyl ýok. Ol entek pikir etjekdi, eline dutaryny alyp, birnäçe heňleri gaýta-gaýtadan çalyp çykjakdy.

Bularyň hiç haýsy bolmady. Başyny ýassyga goýan dessine uklady.

Häzir oňa hemme zatdan beter uky gerekdi ahyryn.

Bagşy daň bilen oýandy, ýöne welin turmady. Ol oýa ýatdy, uzak ýatdy. Öten agşamky pikirleri, öz-özünden geplemekleri ýene-de onuň başynda häzir boldy. Süňňüne ýene-de galpyldy düşdi.

«...Gulam bagşy... Han bagşysy... Onuň özüne göwni ýetýändir. Arkaly köpek gurt alar!.. Goý, ol han bagşysy bolsun!.. Ol tarapy meniň üçin hiç. Ol han bagşysy bolsa, men-de bu handan azajyk-da çekinmeýän batyr ýigitleriň sazandasydyryn. Ýöne welin elde barymy etmelidirin. Gulam bagşy äsgermezlik eder ýaly bagşy däldir. Onuň dabarasy biderek ýere dag aşyp, alys ýurtlara ýeten däldir. Onuň bilen ýene-de biraz wagtdan soň saz çalyşmaga oturmaly bolarys...»

Sazandanyň ýüregine howul düşen ýaly, turmaga hyýallandy. Ýassykdan başyny galdyryp, äpişgä seretdi. Entek irdi. Ýumruk sokaýmaly darajyk äpişgeden daňyň ala garaňkysy çalaryp göründi. Diňşirgendi: ses-üýn eşidilmeýär. «Meniň ýatan ýerim

han galasy ahyryn. Belki, bu ýerde giç turulsa-da turulýandyr» diýip, ol ýene-de başyny ýassyga goýberip, şol öz-özi bilen gepleşmegini dowam etdi:

«...Eger Gulam bagşy ýeňip çykaýsa, onda näme bolar? Bo-o--ow, ondakyny ýada düşürer dagy eder ýaly hem däl. Onda men ilimiň eline dutar alanynyň hemmesiniň ýüzüni ýere salaryn. Öz halypam, maňa sazandalyk patasyny beren Garadäli näder? Şeýle bir masgaraçylyk bolsa, ol muňa döz getirip bilmez... Näder? Iň ilki bilen dutaryny owram-owram eder-de oda salar. Onsoň... Döwletdurdy bagşy hem gabrynda rahat ýatyp bilmez. Şeýle bir masgaraçylyk bolsa, oňa hem ýeter, onuň ruhy duýar.

Olar sazlaryny nähili söýdüler hem onuň ösmegi ugrunda nähili jan çekdiler?.. Olar sazlarynyň masgaralanmagyna hiç bir çydap bilmezler ahyryn.»

Pikir edip şu ýere ýetende, ol edil el bilen göterilen ýaly, zöwwe ýerinden galdy. Onsoň başyna gelip-geçýän pikirlere geň galyp durdy. «Näme üçin başyma şeýle pikirler, şeýle ýatlamalar gelýär? Bu nämedenkä ýa meniň şu Gulam bagşydan sussumyň basylyp ýördügimikä? Onda näme üçin özüm duýamok? Menmi sazymyza masgaraçylyk getirjek? Men şuňa degişlimikäm? Ýok, bu bolup bilmez... Men Garadäli gökleňden pata alandyryn. «Sen sazanda bolduň» diýip, ol öz dili bilen maňa aýdypdy ahyryn. Mundan soň saz çalyşmakdan gaýdarynmy?.. Eger doganymy saz çalşyp almaly bolsam, maňa dagy näme gerek? Meniň diýenim gelýär ahyryn. Hut şunuň üçin hem men şu ýere geldim ahyryn. Men sazymyza ysnat getirmerin! Öz halypalarymyň ýüzüne çirk ýalyjak-da garalyk getirmerin!»

Sazanda soňky sözüni örän kesgitlilik bilen aýtdy-da, geýinmäge durdy we nirä ýör diýilse gidibermäge taýýar boldy-da, dutaryny ýeňillik bilen çalmaga oturdy.

Han galasy turupdy.

Bagşy indi özüniň nirädir çagyrylmagyna sabyrsyzlyk bilen garaşýardy. «Han bagşysy getirilendir. Häzir meni hem onuň ýanyna alyp bararlar. Han bagşysy. Ol gabarylýandyr... Han hem oňa öz tabşyryklaryny berendir...»

Ol pikir edýärdi. Häzir bu kiçijik tam onuň gözüne öten ag-

şamkysyndan has dar we ýürek gysdyryjy bolup görünýärdi. Näme etsin? Çagyrylýança onuň içinde içini gysdyryp oturmaly.

Ol äpişgä tarap bakyp, ondan köp zatlary görýärdi. Uzakdan bagşynyň düýnki üstüne çykyp oturan uly dagynyň başy görünýär. Ol dagyň öňüni kesip, gara gözelek gelin-gyzlar hem ýigitler geçýärler. Bagşy seredip otyr. Henizem onuň ýanyna gelýän, halyndan habar alýan ýok...

«Bu hanyň zyndany bolaýmasyn?» Uzak garaşyp oturandan soň, bagşy öz oturan otagyndan şeýle netijä geldi-de, tamyň içine: äpişgä, gapa gaýtadan garap çykdy we turup, onuň içinde iki tarapa gezmelemäge durdy. «Belki şeýledir, ýogsam han agşam meni özüniň ýanyna çagyryp, saz çaldyrmazmydy, gürrüň eşidip oturmazmydy? Ýa ol öz bagşysy bilen gidişýärmikä? Ony meň garşyma çykarjak bolup taýýarlaýarmyka? Nämäni çen etseň edip oturmaly, oňaýsyz ýagdaýa bir-kemsiz düşüpdirin. Meniň ne gözel ýigitleriň içinden çykyp, gelip oturan ýerimi! Onda-da öz aýagym bilen gelib-ä... Dogry, bu hanyň myhmanhanasy bolman, zyndany bolsa-da bolup biler. Han meni şunuň için-de oturdaýyn diýse-de oturdyp biler. Men näme edip bilerin? Ynha otyryn-da, näme edip bilýärin? Obamyň adamlarynyň handan tamasy şudy ahyryn. Şeýle bolup hem çykaýan bolmasyn... Goý, şeýle bolsun!.. Mundan hana näme peýda çykjak? Akmak han, bir «Ýandym, Leýlini» eşideniň degmeýärmi dünýä malyna? Onsoňam oturjagyň şunuň içi bolsa bolýar. Haýsy gije diýsem, munuň içini boşadyp çykyp gidip bilerin. Ýok, sen meni zyndanda oturdýan dälsiň! Seniň niýetiň başgadyr. Meni Gulam bagşa daladyp, masgaralamak isleýänsiň, sen meniň üstümden güljeksiň. Hany göreli, kim-kimiň üstünden gülmeli bolarka?»

Sazanda ýene-de saz çalmaga oturdy. Onuň joşgunly ýüregini, edýän pikirini saz biraz köşeşdirip bilýärdi.

Ol şu ýerde oturyp «Sazandanyň ölümi» diýen bir heň düzmegi hyýal etdi. Edil ýeri. Bu ölmez-ýitmez bir heň bolar. Dutarlarda köp-köp çalnar. Eşidip oturanlar bolsa hany ýigrenerler hem oňa nälet okarlar.

Şu halatda aňyrdan biriniň gyssanmaç gelip gapyny açmagy sazandanyň pikirini bozdy.

— Myhman, turduňyzmy? — diýip, ol gelen ýigit sorady. Bu bagşyny düýnki garşylanlardan däldi. Mylaýym ýigit. Nebsi agyrýan şekilde sazandanyň ýüzüne garap durdy. Bagşy hem onuň ýüzünden nämedir bir zady aňlajak bolan ýaly seretdi-de:

— Garaşyp hem kän oturdym — diýip ýylgyrdy.

— Özüňe göwnüň ýetýän bodaýbilse ýagşydyr, myhman, hanyň tutan desgasy gaty uludyr. «Şu gün Gulam bagşy bilen türkmenden gelen bagşy saz çalyşjak» diýip, ol uly ile habar ýaýratdy. Öten agşam bolsa han özüniň iýip bilmeýän zatlaryny Gulam bagşa iýdirip, ony bakdy.

— Gulam bagşy geldimi? — diýip, sazanda sorady.

— Entek ol gelenok, ynha geler. Arkaýyn bol, ol geler, onda-da kükräp… geler!

— Ol neneň sazandadyr?

— Zordur, gaty zordur. Özüne gaty göwni ýetýän bolaýmasa, ýanaşar ýaly bagşy däldir. Ondan gorkusyna biziň bu töwereklerimize bagşyň, sazandanyň aýagy sekip bilýän däldir. Siz gelipsiňiz. Belki, siz hem şonça bar bagşysyňyz. Şeýlemi? Çolaja ýerde maňa aýdaý.

— Ýog-a. Men han bagşysy däldirin — diýip, Şükür güldi.

Ol ýigit bagşa ýene-de nebsi agyrmaklyk bilen seredip, sözüni dowam etdi:

— Özüň gör-dä, bagşy… Ýagyň meňki bolsun diýer ýal-a däldir. Gulam deňi-taýy ýok diýilýän bagşydyr…

— Nähili bolsa-da onuň bilen görmeli bolduk.

— Onda gideli, meni: «Tiz alyp gel» diýip iberipdiler.

— Görmeli bolsa hanyň Gulam bagşysynam göreli — diýip, sazanda eline dutaryny alyp, süňňi ýeňillik bilen turdy.

# VI

Güýzüň ortaky aýynyň bu günki güni baýakylaryndan yssy boldy, edil tomsuň bir güni ýalňyşyp gelen ýaly. Bu hana kem ýakmady. Ol desgany howlynyň ortasyndaky howzuň başynda, belent sekiniň üstünde, gollaryny çar töweregine ýaýradyp duran ullakan güjüm agajynyň kölegesinde gurady. Sekiniň üstüne haly düşekler gat-gat edilip düşeldi. Olaryň içinde türkmen halylary hem bardy.

Bagşy gözüne görünýän zatlaryň hemmesine aşaklyk bilen seredip geldi. Ana, onuň gözleri öz halylaryna hem düşdi. Olara yssylyk bilen seretdi we üstlerinden aňsatlar gözlerini aýryp bilmän, ep-esli salym durdy. Näme üçin? Olary şu gün görmelimi näme ýa olaryň gölleri, nagyşlary üýtgäpmi? Ýok. Öz gelin-gyzlarynyň gara öýde, aýak üste oturyp dokaşlary.

Ýöne welin öz halylarynyň üstünde oturmaga başga bir ýer bolmady. Olaryň üstünde hanyň arzylap çagyran iň ýakyn adamlary küti dodaklaryndan uzyn şybyklaryny aýyrman, ýüpek ýaly tütüniň ýag ýaly tüssesini asmana burugsadyp, gamsyz-gussasyz gürleşip we gülşüp otyrlar.

Sazandany başga bir halynyň üstünde oturtdylar. Onuň gözleri öz halylarynda, olara oturan ýerinden göz gytagy bilen seredýär. Öz halylary beýleki halylara goşulman, olaryň içinden saýlanyp çykyp durlar. Sazanda olaryň gowudygyna, öz aýallarynyň hünärlidigine şu ýerde ýene-de bir gezek düşündi. «Biziň aýallarymyzyň öwünmäge haklary bar. Olaryň gara öýde oturyp dokan halylary, gör, nirelere düşüpdir. Hanyň arzyly adamlary olaryň üstünde oturyp bilseler armanlary ýok. Ýöne olar bu ýerlere nähili düşdükä? Belki, biziň halylarymyz Pereňistana daga-da düşüp, ol ýerlerde hem hemmelerden saýlanyp, halkyň gözüni özüne çekip bilýändir». Ol şeýle pikir edip, özüniň şu

pikirinden köp zatlary ýadyna düşürdi.

Sekiniň üstünde oturanlar başdan-aýak seredip, sazandany gözden geçirdiler. «Gulam bagşy bilen saz çalyşjak şümükä? Näderkä? Oturyşy-ha örän ynjalykly. Özüne göwni ýetýän bolara çemeli...» diýip özara pyşyrdaşýarlar.

Han bagşysy heniz gelmändi. Emma hanyň habar beren ýerlerinden tomaşaçylar welin yzy üzülmän, topar-topar bolup gelýärler. Gelenleriň gözleri ilki bilen märekäniň içinde oturan sazanda düşýärdi we olar ony öz ýanlaryndan Gulam bagşy bilen deňeşdirip görýärdiler.

Birdenkä:

— Bagşy gelýär!..

— Gulam bagşy gelýär! — diýen ses agyzdan-agza geçip ýaňlandy.

Gulam bagşy gelýär: bezelen gatyryň halydan edilen palanynyň üstünde iki aýagyny bir ýanlygyna atyp, sapynyň ujuna kümüş geýdirilen, ýüpek gotazly dutary bilen «Ýelpezelendi» diýen heňi çalyp gelýär.

Onuň göterigi zor. Biri gatyryň başyny iýdip gelýär, iki sanysy bolsa ony düşürmäge taýýar bolup gelýär. Hormat üstüne hormat.

Şükür gelende biri hem gozganmady, ýöne welin oňa örän içgin we pikirli seredişdiler, indi ýerlerinden zöwwe turdular. Olar öz bagşylarynyň öňünden çykyp, oňa hormat goýjaklar...

Han bagşysynyň bolup gelşini göreninden Şüküriň endamy dyglady. Arzysyz, öz aýagy bilen süýrenip gelen, ýöne welin öz ilinde arzyly bolan sazanda sesini çykarman otyr, elindäki çaýly käsäni agzynyň ýanynda tutup durup sowatdy. Ol näme pikir edýärkä? Kemsinmeýärmikä? Han bagşysynyň haýbaty onuň ruhuny eýýäm syndyrmadymyka? Çolak Batyr şol maslahatyny şu wagt salaýsa, oňa indi näme jogap bererdikä? Ol ýönekeý eşik içinde, gapdalynda dutaryny goýup, Gulam bagşynyň gelşine syn edýärdi we şu oturyşynda özünden hiç bir zat aňlatmaýardy. Ýöne welin egni gysylmaýar, ýüzi bozulmaýar. Gözleri bolsa gülesi gelýäniňki ýaly biraz sykylypdy.

Gulam bagşynyň gözleri özüniň bäsleşip saz çalyşjak sazandasyna düşdi. Şonda onuň ruhy öňküden-de beter göge göterildi, sazyny hem gaty batly çalyp başlady. Özüniň şu ýasama boluşlaryna saz çalyşjagynyň gülesi gelip oturanlygyndan onuň birjik-de habary ýokdy.

Ony gatyryň üstünden götergiläp düşürdiler. Elli-elli bäş töwereginde, gözüni göge dikip duran bagşy. Semiz. Alkymy piliň holtumy ýaly aşak sallanyp gidipdir. Ýeňsesine päki çalybermeli. Gök mawut çäkmekiniň içine zordan sygýar. Çyrpuw sakgalyny hynalapdyr we barmagynyň birine gyzyldan ýuzük dakynypdyr.

Saz çalmakda bu töwerekde oňa taý ýokdy, ol ýene-de özüne taý bolar öýtmeýärdi. Muňa bu ýere gelenler-de ynýarlar. Hasam beter han ynanýar. Ýogsam, ol beýle «uly» baýragy çagyrarmydy ahyry!..

— Salawmaleýkum, myhman bagşy — diýip, ol ellerini ulumsylyk bilen sazanda uzatdy.

Şükür hem turup:

— Salawmaleýkum, Gulam bagşy — diýdi-de, onuň mylkyldap duran ýagly barmaklaryny gysdy.

— Kim bolarsyňyz? — diýip, Gulam sorady.

— Bize Şükür diýerler.

— Şükür, Şükür diýdiňizmi? — diýip, ol maňlaýyny tutdy. — Bir eşiden adym, emma ýadyma düşmedi. Arkaçdanmy? Hä, boldy. Gelipsiň, ýagşy ädipsiň. Biziň hanymyz saz gadyryny bilýän handyr...

— Şony eşidip gelşimiz, bagşy aga. Hawa, «Bagtly ile bagşy geler» diýipdirler — diýip, Şükür muny han mazaly eşider ýaly edip aýtdy.

Han bagşysy bir diňşirgendi we içinden: «Aňyrdan oýlanylyp gelnen söz, ýerine salyp aýtdy» diýdi-de:

— Meniň hem bir türkmenlere gitmek hyýalym bar — diýip, agzyna inip duran çal murtuny galdyryşdyrdy.

— Baryň! Örän gowy edýärsiňiz, baryň! Sazyň, sazandanyň gadyryny bizem gaty ýagşy bilýändiris.

— Ýok, gitsem Mary, Tagtabazar taraplaryna bararyn. Bärki sazandalaryňyzyň ugry ýok!..

— Hawa, ol ýerlerimizden hem sazanda çykýandyr. Olar gepleşip durkalar, edil Şükür bagşa göz edilip diýen ýaly, onuň garşysynda han bagşysy üçin halyň üstünde ýüpek düşekçe güpberilip ýazyldy.

— Otur, bagşy aga, otur! Ine, bu siziň oturjak ýeriňiz taýýar! Gulam bagşy içi ýelek, daşy ýüpek, gabarylyp duran düşekçäniň içine çümüp oturdy-da, sözüni dowam etdi.

— Men türkmenleriň arasyndan, ine, şu sazanda zor diýip haýsy birini tutjagymy bilemok. Myhman, Şükür bagşy, sen aýt, siziň özüňiziň şu zor diýip tutýanyňyz kim? Maňa şony aýdyp ber.

— Biziň saýlap durmagymyz bolmaz, bagşy aga. Kim eline dutar alsa, şoňa zor bagşy diýýändiris!..

— Dogry, dogry, örän dogry — diýip, Gulam yzly-yzyndan tassyklap güldi. Onsoň daşyny galdalap oturanlara ýüzlenip:

— Men gelenden-gidenden eşidip, olara gaty belet boldum. Dogry, bular eline dutar alanyna sazanda diýýärler, güne ýatanlaryna han diýýärler, gorkaklaryna batyr diýýärler. Onsoň hem dul gyzlaryny boý gyzdan ýagşy görýärler. — Gulam şeýle diýip, oturanlaryň gülesi gelýänini ýagşyja güldürdi.

— Dogrudyr — diýip, Şükür hem ýylgyrdy-da şeýle diýdi. — Şonuň üçin biziň saňa goşulmaýanymyz birjik-de ýokdur. Hemmämiz orta gürp bardyrys. Gorkagymyza hem «Ata mün-de aryňy almaga ýa-da söweşe ýör» diýseň gider.

Gülki birden ýatdy. Bagşynyň sözüne düşünipmi ýa-da hanyň gyşarylyp giden ýüzüne we uly burnuna seredipmi, garaz, näme üçin bolsa-da, gülki üstüne suw sepilen ýaly bolup tapba galdy.

Dym-dyrslyk boldy.

Şüküriň geplän gepini han öz ýanyndan degşirip oturýardy. Onuň her bir sözüniň aşagynda bir zat ýatandyr öýdýärdi. Şoňa görä ol myhmanyny gepletmänini gowy görýärdi. «Men han bagşysy däldirin, öz ýurdumyň sazandasydyryn. Doganymy diläp saýlama ýigitler bilen hem, saýlama at-ýaraglar bilen hem gelip bilýärdim, eger geleýin diýsem» diýip, onuň aýdan sözleri hanyň ýadyndan asyl çykmaýardy. Ol ýene-de şunuň ýalysyny orta atar diýip gabanjyrady.

Hanyň bu bolşundan Gulam bagşynyň habary ýokdy. Şoňa görä ol sazandanyň çetine kakýardy.

Han gabandy. Sazandanyň soňky beren jogabyna onuň içi tütedi. Onsoň oturyp bilmän, bagşylarynyň arasyna düşdi we özüniň şol ýapyk niýetini durmuşa aşyrmagyň ugruna çykdy. Myhmanyny öz bagşysyna dalatmakçy, onda-da ile göz edip... Şonuň üçin köp ýere habar beripdi. Gelenler hem gaty köpdi...

Han gep-gürrüňiň galmalydygyny aýdyp, şeýle diýdi:

— Sazandalar, halk size garaşýar. Hany, hezil berip başlaň. Şertem bolsa şu — diýip, ol eline direnip, ýerinden galdy. — Ikiňiz saz çalyşmaly. Biriňiz gaçyň, biriňizem kowuň. Şükür bagşy zor çyksa, onuň baýragy: özüniň zyndanda eli-aýagy gandally oturan etmişli doganyny özi bilen alyp gitmeli. Ol şunuň üçin hem eline sazyny alyp, bu ýere gelipdir. Eger Gulam bagşy zor çyksa, onda onuň baýragy belli: bir türkmen gyzyny alyp berjek. Onda-da owadanyny saýlap. Men ony her ederin-hesip ederin taparyn!..

— Han aga, onda gyz tapyber — diýip, Gulam bagşynyň ýanynda oturan bir ýigit aýtdy. — Heý, biziň Gulam bagşymyzy saz çalşyp ýeňen bolarmy?..

Saz eşitmäge gelenler gaty köpdi. Olaryň hemmesi tertip bilen oturdylypdy. Märeke hanyň çagyran baýragyny eşidip, ilki onuň ýüzüne, onsoň Şüküriň, onsoň hem Gulamyň ýüzüne seredişdiler we: «Bu nähili adyllyk? Doganyny berip goýberjek. Eger ol basylsa, onda nätjekkä? Ony nähili ugratjakka? Ine şunsy...» diýip, oturan ýerlerinde bir-biriniň gulagyna çawuş çakyşdylar.

Han oturanlara seredip, sözüni dowam etdi:

— «Biziň bagşymyz ýeňer» diýip, häzirden aýtmaly däl. Ýeňýän bolsa, onda goý, Gulam bagşy özüniň zoruny görkezip ýeňsin! Onuň baýragyny bermäge men her haçan bar... Meniň sözüm sözdür... Ýöne myhman bagşynyň göwnüne zat gelmez ýaly etmeli. Myhman bagşy, haýsyňyzyň zordugyňyzy aýdyp berer ýaly, birnäçe adamdan ybarat wekil belläýinmi? — diýip, han Şüküre geňeş saldy.

— Özüň bil, han aga — diýip, ol sag elini ýeňinden çykaryp, ýaglygy bilen ýüzüniň derini syrdy-da. — Maňa bary bir, han aga — diýdi.

— Ýok, aýt, myhman bagşy. Soňy närazyçylyk bolmasyn. Onsoň biziň adymyza-abraýymyza ýagşy bolmaz...

— Menden soraýan bolsaň, han aga, wekil belläp durmak gerek däl. Arany, ine, şu halkyň özi açsyn, Şularyň aýdany maňa bolýar...

Gulam bagşy hem gözlerini tegeläp, hanyň ýüzüne seretdi-de:

— Menem şony aýtjak bolup durdum — diýip, Şükür bagşynyň diýenine goşuldy.

— Bolýar onda, başlaň! Gulam bagşy çalsyn, Şükür bagşy, sen kow! — Onsoň hem oturanlara ýüzlenip: — Diňläň, haýsysynyň zor sazandalygyny özüňiz aýdyp beriň! Bagşylar sizi wekil belleýär — diýdi.

Ýüpek düşekçäniň üstünde oturdylan bagşy özüniň iň söýgüli we türgenlän heňine «Nar agajyna», «Ýel-pezelendä» tutdy. Öz garşysyndakydan birjik-de güýç emgenmän, dutaryň gapagyna örän eserdeň, bat bilen kakyp başlady. Onuň kakyşyna, barmaklaryny basyşyna, inip-çykyşyna göz iler dagy eder ýaly däldi. Döşüni gaýşardyp, başyny silkip çalýar. Garşysyn-da oturan ýigidiň üstüne şeýle edip, ok ýylan ýaly owsun atýar. Onuň sazandalygy beýlede dursun, özüniň şu haýbaty bilen hem özi ýaly bir bagşynyň el-aýagyny ýitirdip biljek!..

Şükür onuň haýbatyna üns bermän, dutary kakyşyna we barmaklaryny basyşyna seredýärdi. «Ak perdeden ýokarda gezýär» diýip, şuny bek belledi-de, nämedir pikirlendi.

«Nar agajyny» Şükür-de bilýändirin öýdýärdi. Ýöne welin onda garşysyndakyň üstüne gabarylmak ýokdy, ýogsam onuň-da oýny bardyr. Belki, ýeri gelerine garaşýandyr? Edil doňdurylan ýaly oturyp, ony kowýar.

Gulam bagşy ellerini onda-munda kän urdy, sazandany masgaralajak bolup, garaçyny bilen elinden gelenini etdi.

Şükür yzyna düşüp barýar.

Gulam bagşy-da birnäçe heňler çaldy.

Han bagşysynyň çalan heňleri aýgyt ediji netije bermedi. Ýap-ýaňky içen çaýy, edil ereýän ýaly bolup, ýüzünden şabrap

döküldi. Ol ýüpek ýaglygy bilen derini syryp, uludan demini aldy-da oturdy.

«Sag bol, bagşy» diýip, oňa gygyrmaga özüni çemeläp oturanlar köpdi. Näme üçindir olaryň hiç birisinden ses-seza çykmady. Märeke özara pyşyrdaşdylar. Şüküriň ýüzüne seredişdiler.

Bu boluş Gulama ýakmady. Ol şeýle bolar diýip garaşmaýardy. Şunuň üçin ýüzüni galdyryp bilmän, diňe bir derini syrmak bilen boldy. Belki, ol Şükür bagşy bilen aýakdaş gidenini özüne namys bilendir.

Gezek Şüküre geldi.

— Sazanda, indi sen başla, Gulam bagşy hem siziň heňleriňizi kowsun — diýip, han bozuk keýpi bilen aýtdy-da, onsoň öz bagşysyna ýüzlenip:

— Gulam, hany, zoruňy görkezip başla, sen türkmenleriň heňlerine özlerinden ökdesiň — diýdi.

Şüküriň han bagşysyna syny oturdy: «Munuň sazandalygy uzakdan eşidileniçe bar eken. Han tanap alypdyr». Şükür içini gepledip, onuň ýüzüne gaýtadan seretdi: «Dutary göni çalşyp, muny ýeňmek bolmaz, dogany hem zyndandan çykaraýmak bolmaz. Sazanda sazandany şeýle çalşyp ýeňmez, aýry-aýry çalynsa bilmeýärin. Şonda kimiň gowy çalýany belli bolar, näme etmek gerek?» diýip, öz-özüne sorag berdi.

Ana, ol ýüzüni aşak saldy, dutarynyň kirşine syntgy berdi. Onuň ýüzüni aşak salyp pikirlenmeginden gorkaýmalydyr. Han bagşysynyň nämesiniň barlygyny aňlap, onuň garşysyna bir zatlar oýlasa-da oýlap oturandyr. Kirişleriň goşulyp gaýdýan perdesine külem barmagyny basyp durdy-da, dutaryň gapagyna kakdy. Ol dutarynyň guratlygyny şu ýerden bilip başlaýardy.

Gulam bagşynyň ýüzünden henizem der akyp dur, syryp ýetişse bolany. Ol nähili-de bolsa kyn-gyssag gören bolara çemeli. Şüküriň taýýarlygy ony pikirlendirdi. «Munuň bilen deň saz çalşyp oturmak maňa ölüm» diýip içinden aýdýar-da, onuň ýüzüne seredýär. Häzir hanyň-da, beýlekileriň-de gözleri Şükürdedi.

Myhmanyň äwmezlige salyp, kirşe syntgy bermegi, dutarynyň düzlüşini barlamagy, Gulamyň ýüregine düşdi. Onsoň ol:

— Hany, sazanda, bol — diýip, onuň üstüne-de sürnüp başlady.

Onda Şükür:

— Men bolungy, ýet — diýip, onuň ilki çalan heňi «Nar agajydy».

Bu heňi onuň öňünden gutularyn öýdüp çalýarmyka? «Nar agajy» çalnanda Gulam başaşak inen ýaly boldy. Ony Şükür ýaňy gördi ahyryn. Belki, onuň başlan ýerinden başlamagy isländir?

Gulam basmarlap gidip barýar. Şükür başga heňlere tutdy. Ol ýene şeýle, bilmez diýen heňlerini bilýär.

«Näme etmeli?» Şükür ýene-de pikirlenmäge we öz-özüne sorag bermäge durdy. «Bu boluşda munuň bilen aýgyt edip bolmaz. Şuňa ýene-de gözi ýetdi. Onuň üstüne hem eýýäm: «Sag bol, Gulam bagşy» diýip, oňa bat berip başlanlar-da boldy. Deň çalşyp otursalar-da «Han bagşysy ýeňdi» diýip gygyrjaklaryň barlygyny ol ozalam aňlaýardy. Onsoň ýene-de kirşe syntgy berjek boldy. Şeýle edip, ara wagt salýar-da, ol pikirlenýär. Ýol agtarýar. Ýol ýok. Haýsy heňe tutsa, Gulam hem bir ýanda bar.

Sazanda gyssanmaýan ýaly bolup otursa-da «Nätsemkäm?» diýip, özüne soragy ýygy-ýygydan berýär. «Bu dara-direlikde näme edip bilersiň? Munuň çalyp bilmejek heňi ýok. Allajanlarym, men pälime görä tapaýan bolmaýyn? Şeýle bolaýmasyn?»

Sazanda şeýle diýip, gaýgylanjak ýaly bolýar. Emma welin onuň ýadyna häzir Garadäli gökleň, Döwletdurdy we ýeneler düşmeýärdi. Onuň pikiri özüne ýetikdi. Diňe öz garşysyndakyny ýeňmek hakynda oýlanýar. Gulam bagşy şondan başga zada onuň elini ýetirmeýärdi. Ol çylşyrymly heňlerden biri diýip, haýsy bir heňe tutsa, munda-da bolmaýar, han bagşysy aňry ýanyndan düşýär. «Indi näme çalmaly? Onuň öňünden gutuljak heň ýok. Onuň bilmeýän heňini nähili tapmaly ýa täzeden heň düzsem bolmazmyka?» Ol oýlandy-da ýene dutarynyň kirşine syntgy bermäge durdy. Şundan peýdalanyp, sazanda ýene-de pikirlenýär. Ana, ol ýüzüni galdyrdy. Onuň ýüki ýeňlän ýaly bolup göründi. Ýüzi açyldy, gözleri hem gülüp duran ýaly boldy.

Bu ýöne ýerden däldir. Belki, ol özüniň näme etmelidigini eýýäm bilip goýandyr we han bagşysyny masgaralamagyň syryny

tapandyr.

— Çal, bagşy, bu indi ahyrky heňimiz bolmalydyr — diýip, ol çalmaga oturdy. — Özüne hem ahmal bolma — diýdi. Bu gezek dutaryň sesi başdan üýtgeşik çykdy. Sazandanyň elleri göze ilerden çalt ýöräp başlady.

Muny Gulam hem aňlady we gözlerini süýrelýän göläniň gözi ýaly edip, sazandanyň ýüzüne, onsoň hanyň ýüzüne seretdi-de:

— «Soňky» diýdiňmi, onda elde baryny et — diýdi. Onsoň «Ýa Aly» diýip, özüni ýagşy raslady.

Häzirki çalynýan heň heniz görlüp-eşidilen heň däldi. Ol şu ýerde han bagşysynyň owsuny aşagyn-da döräpdi. Sazanda oňa at dakmaga howlugyp, jedelli ýaryşda özüniň bir ýerde saz çalyp bilşi bar bolsa, şolaryň hemmesinden peýdalanyp çaldy. Ellerini başynyň üstünden aýlap-aýlap çalýar. Şunuň ýaly edip, Gulam bagşyny eýerdip barýarka, birden elini ýöne dutaryň ýüzüne aýlap-aýlap goýberdi-de, çalyp barýan heňiniň soňuny perdelerinden çykýan ses bilen doldurdy. Bu Şüküriň bir eli bilen çalşydy.

Ana, hanyň apaly bagşysy sallançakdan ýykylan ýaly bolup, heňiň nireden çykýanyny bilmän galdy. Onsoň hyrçyny dişläp, başyny ýaýkady-da:

— Ah-ah, myhmanyň pylly-pyllysy — diýip, gyzaran ýüzüni aşak saldy.

Öz bagşylaryna umyt baglap oturanlaryň aşagyna telpek oklanan ýaly boldy. Öz etjek haýynlyklary ugur almadyk han bolsa ýerinden zöwwe galdy. Bagşysyna gözlerini alardyp seretdi. Onuň seredip durşy edil: «Seniň etiň kesilsin, meni masgara etdiň» diýip gargaýan ýalydy.

Gulam dolanyp başyny galdyrmady. Sögülse-de, urulsa-da kaýyl ýaly bolup oturdy. Ýüpek düşekçe demir tikene döndi. Ýagdaýyny tapsa onuň üstünden turjak we nirä-de bolsa baş salgyna gitjek. Ýöne welin yzyndan her kimiň bir zat diýerinden gorkup, gozgana-da bilmeýär. Ol şeýle bir utanyp otyrdy, ýer ýarylsa girjekdi. Handan başlap, ol hemmäniň gözünden düşdi. Oňa diňe bir saz adamsy Şüküriň ýüregi awap seretdi-de, nämedir gahar eden ýaly, ýaňky heňiň ýapgydyny jan agyrlylyk bilen berdi.

Dutar gepläýjek bolýardy. Ýöne welin öz ýurdundakysy ýaly, sazanda «Sag bol» diýen sesi eşitmeýärdi. Belki, diňleýjiler öz bagşylaryny sylaýandyrlar ýa-da hanlarynyň burny-zady bilen gyşaryp giden ýüzünden çekinýändirler, ýogsam olar: «Sag bol, bagşy» diýerdiler. Biriniň-de turman, sazy diňläp oturyşlary şuny çen etdirýärdi. «Han aga, size şu warak dutar bilen heň çalyp bermäge geldim» diýip Şükür aýdanynda, göwni ýetmän gülen han-da sazandanyň häzirki çalýan sazyna gulak salyp durmaga mejbur boldy.

Tomaşaçylaryň gylla ýarysy diýen ýaly gelin-gyzlardy. Olar märekäniň bir toparyny tutup otyrdylar. Erkek adamlar hem otyrlar. Bu hanyň goýan tertibidir.

Oturmak tertibini bir ýaş aýal bozdy. Ol birden-kä el bilen galdyrylan ýaly bolup, oturan ýerinden zöwwe galdy-da, hemmäniň gözüniň öňünde sömelip durdy. Onuň gözlerinden ýaş boýurdap dökülýärdi.

«Kim bu, Gulam bagşynyň hossarymyka? Onuň ýeňlenine hem utanyp oturanyna aglaýarmyka?» Oňa seredip oturanlaryň arasynda şeýle çak edenleri hem boldy.

Oňa han hem seredip, onuň Gulam bagşynyň hossary däldigini, oňa gynanyp aglamaýandygyny bilýärdi. Ol gyz alyp gaçylyp getirilen gyzdy. Onuň hanyň gyrnagy bolup ýörenine ýedi ýyl bolupdyr. Şunça wagtyň içinde onuň yzyndan gelen bolmandyr. Ozalam gahary gelip duran han oňa gahar bilen:

— Näme beýdip dursuň, dälirediňmi, otur! — diýdi.

— Oturyp bilmeýärin, han aga — diýip. ol sesli aglamaga durdy.

— Otur diýdim, otur! — diýip, han gyzaryldy. Onuň ýüzüni göreniňde, baryp çalybermekden hem gaýtmajagy görünýärdi. Her halda ondan jogaba garaşyp, biraz durdy.

— Oturmaga ygtyýarym ýetmeýär — diýip, ol aýal jogap berdi. — Men oturaýyn diýenimde oturar ýaly, han aga, öz ygtyýaryma turmadym. Meni şu dutaryň zaryn sesi turuzdy. Häzir hem meni agladyp duran şol. Men onuň sesinden öz ata-enelerimi, önüp-ösen ýerlerimi, bütin ilimi görýärin. Şeýle bolansoň, men neneň aglamaýyn, neneň gözlerimden ýaş dökmäýin?..

Han bu bolşa näme aýdaryny bilmän, mähetdel galdy.

Orta dym-dyrslyk düşdi. Sazanda hem çalmagyny goýupdy.

Bu dymmaklygyň başy handan başlady. Ol böwrüne doňuz diňini salýar, bagşysyna gözlerini alardyp seredýär. Ol şu ýerde azdan-köpden we ýagşydan-ýamandan näme-de bolsa bir zat aýtmalydygyna hemmäniň özüne garap oturmagyndan düşündi.

«Näme diýerkä, hälki aýdan sözüniň üstünde tapylarmyka, eline düşen etmişlini şeýle berer goýberermikä? Onuň tarapyndan beýle dözümsizlik görlüp-eşidilen zatmydyr?» Märeke şeýle çen bilen onuň ýüzüne seredýär we sülleren çal murtuň aşagyndan çykjak söze sabyrsyzlyk bilen garaşýar. Şükür hemmesinden beter garaşýardy. Ýöne welin hanyň sözünde tapylaryndan tapylmaz gorkusy kändi. Hanyň ýüzüni gyşardyp durmagyndan ýagşylyga garaşmak mümkin däl ahyry.

Han bagşysyna ýene-de gözlerini alardyp seretdi. Şundan bar günäni bagşysynyň üstüne atjagy görünýärdi. Ana, ol şeýle hem etdi:

— Gulam (onuň adynyň «bagşy» goşandyny taşlap), seniň maňa geregiň ýok. Meniň soran ýerimde seniň garaň görünmesin. Sen meni masgara etdiň, biziň sazymyzy masgara etdiň. — Han Şüküre ýüzlenip, sözüni dowam ätdi. — Myhman bagşy, meniň bagşym bol-da gal, dünýäde kem zadyňy goýmaýyn — diýdi.

Sazanda ýöne başyny ýaýkamak bilen özüniň galmajagyny aýtdy-da şeýle diýdi:

— Han aga, bagşyňdan göwnüň galmasyn, Gulam sazandanyň sazanda kemi ýok. Ol han sazandasy-da, il sazandasy-da bolup biljek.

— Onuň bagşylygy maňa gerek däl — diýip, han gygyrdy-da, özüniň gahar-gazabyna çydap bilmän, mejburlykdan özüniň «diýsemmikäm, «ýa diýmesemmikäm» diýip ikirjiňläp duranlaryny aýdyp goýberdi.

— Indi, sazanda, doganyňy alyp gidip bilersiň, ýaňky Gulamy ýeňen heňiňi bolsa ýene bir çalyp berde, bu gyzyňyzy hem alyp git — diýip sözüni gutardy-da, han içini tutup, gark urup aşak oturdy.


enedilim.com

— Han aga, men Gulam bagşynyň öňünde ýeke özüm saz çalyp bilmerin. Şoňa görä onuň bilen bile çalmaga rugsat ediň — diýip, Şükür sorady.

— Nähili çalsaň-da çal — diýdi.

— Bol, bagşy aga — diýip, Şükür başlady.

— Indi gutulmarsyň — diýip, Gulam hem eline dutaryny aldy.

Saz çaldylar, ertirden oturyşlaryna tä agşama çenli çaldylar. Indi olaryň arasynda jetlik, bir-birini masgaralajak bolmaklyk ýokdy.

Ikisi-de ak ýürek bilen halka hezil berjek bolup çaldy. Şeýle hem etdiler.

Saz çalnyp gutarylandan soň, diňleýjiler handan-da, beýlekiden-de çekinmän, bagşylara doly ses bilen: «Sag boluň» diýdiler.

Iň sonunda Şükür Gulamyň gulagyna çawuş çakdy-da: — Bagşy, günämi öt, ikimizi öjükdirip goýberen han boldy. Meni ýüz dürli sap atmaga mejbur eden han boldy. Han günäkär, han — diýdi. Gulam ýylgyrdy-da, ýüzüniň derini ýeňillik bilen syrdy, ol ýönekeý ýylgyrmak däldi. Şüküriň: «Han günäkär, han» diýenine goşulmagyň ýylgyrmasydy. Han myhmanyny şu günüň özünde ugratdy we onuň yzyndan ýüregi awyly garap galdy.

Bu waka, indi hasap edip görsem, 1871-nji ýylda bolan eken.

«Enedilim.com» sahypasynyň kitaphanasy.

—

**Şükür bagşy, Nurmyrat Saryhanow**
Türkmenistan Döwlet Neşirýaty – Aşgabat, 1961.

—

Redaktor: G. Seýitmädow
Suratçy: A. Salin
PDF-a geçirildi: 1. Noýabr 2014
Taýýarlan: Nazar Annagurban

—

Bu kitapdaky maglumat "bolşy ýaly" esaslarda, kepilliksiz getirilýär. Bu iş taýýarlananda ähli seresaplyk çäreleri görlen hem bolsa, ne awtor(lar), ne «Enedilim.com» sahypasy bu işdäki informasiýa sebäpli çekilen göni ýa gytaklaýyn ýitgi ýa zelel üçin hiç bir adamyň ýa guramanyň öňünde jogapkärçilik çekmeýär.